
№ 3
2026

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi





Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

— Mizemez berkararlygymyzyň we agzybirligimiziň nyşany bolan mukaddes Garaşsyzlygymyz biziň baş buýsanjymyzdyr.

— Garaşsyzlyk milli döwletliligimiziň sarsmaz binýadydyr, şöhratly geljegimiziň öçmez nurudyr.

— Häzirki wagtda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan taryhy özgerişlere beslenip, ähli ulgamlarda belent sepgitlere ýetýär. Ata Watanymyz bedew bady bilen ynamly öňe barýar.

— Garaşsyzlyk halkymyzyň beýik mertebesiniň hem-de milli buýsanjynyň Ýer ýüzünde dabaralanmagydyr.



Serdar BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENIŇ BUÝSANJY

Beýik taryh — beýik geljege binýat,
Bu bir röwşen ykbalydyr türkmeniň.
Geçmişe buýsançdyr, şu güne şöhrat,
Bedew ruhy ahwalydyr türkmeniň.

Jümle-jahan gözelligi görkünde,
Alys-alys ýollar onuň erkinde,
At myratdyr, at ganatdyr türkmende,
Ol kämillik kemalydyr türkmeniň.

Niçik gudrat eneleriň yhlasy,
Göýä güller açan köňül sährasy,
Nepis haly — eýýamlaryň mirasy,
Şanly ömür beýanydyr türkmeniň.

Mydam goraga sak, hüşgär hem düşbi,
Wepaly alabaý — dostlugyň keşbi,
Asyrlaryň uzak menzilin geçdi,
Hemişelik hemrasydyr türkmeniň.

Owazasy ýedi yklyma ýaýran,
Beýik sungatyna giň dünýä haýran,
Halkyň göwni bolup gülleýär zaman,
Ol dowamat-dowamydyr türkmeniň.



GARAŞSYZLYK — NURLY GÜNLERE ÝALKYM SALÝAN BAGTYÝARLYK...

2026-njy ýylyň 27-nji sentýabry ýurdumyzyň ähli ýerinde mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygynyň giňden bellenilýän, diýmek, toýlaryň toýa ulaşýan, taryhy çuň türkmen halkynyň özbaşdaklyk toýunyň ýaňynyň daglar-ummanlar aşýan güni. Bu toý «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň iň bir şanly, supralaryny giňden ýazan, dünýäniň çar künjünden gelen myhmanlaryny aýratyn mähir bilen garşylan, aýdym-sazynyň belentden ýaňlanan toýlarynyň biri. Bu şanly senede mähriban halkymyz bir supranyň başyna jem bolup, hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyny ýokary ruhubelentlik we buýsanç bilen giňden belledi.

Türkmenistan döwletimiz 1991-nji ýylyň güýzünde özüniň gözel görki bilen çawy äleme dolan şöhratly taryhynyň başlanýan döwri, ady-owazasy dünýä halklaryny aňk eden şöhratly taryhynyň sahypalarynyň giňden ýaýylan döwri hökmünde asyrlara ýaň salýan döwlet hökmünde orta çykdy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda bitirilen işler juda köp. Özgertmeler, ösüşler durmuşymyzyň ähli ugurlaryny gurşap aldy, ýurdumyz tanalmaz derejede özgerdi. Türkmen döwleti öz oýlanyşyk-

ly syýasaty bilen dünýä üçin ösüş, hyzmatdaşlyk, dostluk, abadançylyk ýollaryny açdy. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň ähli halkyna iberen Gutlagynda belleýşi ýaly «Mizemez berkararlygymyzyň we agzybirligimiziň nyşany bolan mukaddes Garaşsyzlygymyz biziň baş buýsanjymyzdyr. Garaşsyzlyk milli döwletliligimiziň sarsmaz binýadydyr, şöhratly geljegimiziň öçmez nurudyr».

27-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyna hem-de paýtagtymyzdaky Döwlet münberiniň öňündäki meýdançada guralan baýramçylyk ýörişine gatnaşdy.

Ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly senesi mynasybetli 35 atlydan ybarat atçylyk toparynyň baýramçylyk ýörişi dabaranyň aýratyn bezegine öwrüldi. Ol Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan belent sepgitleriň türkmen halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däpleri hem-de ruhy gymmatlyklary bilen sazlaşygyny alamatlandyrdy.

Halkymyzyň parahat we abadan durmuşyny, Watanymyzyň mukaddes serhetlerini hem-de Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlarymyzy ygtybarly goraýan Milli Goşunymyzyň harby kuwwatyny, ýokary hünär derejesini we kämil ussatlygyny dabaraly ýöriş bilen geçen iň täze harby tehnikalar açyp görkezdi. Döwlet münberiniň meýdançasynda guralan ýörite uly ekran arkaly çärä gatnaşyjylar göni ýaýlymda Harby-deňiz güýçleriniň «Deňiz han» korwet söweşjeň gämisiniň baýramçylyk ýüzüşini synladylar. Häzirki zaman sanly tehnologiýalaryň we telekommunikasiýalaryň mümkinçilikleri arkaly türkmenistanlylaryň baýramçylyk şatlygyny köp sanly watandaşlarymyz we dünýä döwletleriniň ýaşaýjylary göni ýaýlymda paýlaşdylar.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň işgärleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramyna zähmet ýeňişlerini bagyşladylar. Bir bitewi baýramçylyk kerweninde Halk Maslahatynyň, Mejlisiň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri ýöriş etdiler. Şeýle hem baýramçylyk görnüşinde bezelen awtoulag platformasynda Arkadag şäheriniň, ak mermerli paýtagtymyzyň hem-de ýurdumyzyň bäş welaýatynyň esasy aýratynlyklary we gazanan üstünlikleri görkezildi.

«Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada geçirilen konsert we ondan soň ak mermerli Aşgabadyň agşamky asmanynda ýaýbaňlandyrylan ajaýyp feýerwerk baýramçylyk gününiň täsirli jemlenmesi boldy.

Garaşsyzlyk baýramynyň yzysüre, 28-nji sentýabrda baramçylyk çäreleri Aşgabat atçylyk toplumynda dowam etdirildi. Mukaddes Garaşsyzlygy-



myzyň 35 ýyllygy mynasybetli guralan dabaralara hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagy olaryň dabarasyny has-da artdyrdy. Bu ýerde guralan sergide görkezilen ahalteke bedewleriniň gözelligini beýan edýän zergärçilik önümleri, şeýle hem türkmen halkynyň medeniýetini, sungatyny, medeni mirasyny beýan edýän gymmatlyklar at çapyşygyna gatnaşyjylarda, tomaşaçylarda we myhmanlarda uly täsir galdyrdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze ýazan «Türkmeniň buýsanjy» atly ajaýyp goşgusynda:

«Geçmişe buýsançdyr, şu güne şöhrat,
Bedew ruhy ahwalydyr türkmeniň»

diýip behişdi bedewlerimizi wasp edýär.

Hormatly Prezidentimiziň öz ýerine, esasy münber binasyna barmagy bilen baýramçylyk at çapyşygyna badalga berildi. Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň toplumlarynyň goýan baýraklaryny almak ugrunda dürli ýaşdaky atlar 1 müň 600 we 1 müň 800 metr aralyga guralan çapyşyklara gatnaşdylar we olaryň ýeňijileriniň çapyksuwarlary we seýisleri pul baýraklary bilen sylaglandylar. Uly baýramçylyk mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň Baş baýragy ugrunda 2 müň 200 metr aralyga guralan ýaryşda hemmelerden öňe saýlanan Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň



Bezirgen atly akýal aty ýeňiji diýlip yglan edildi hemde atyň seýsi, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy M. Agamyradow, çapyksuwary B. Agamyradow 300 müň manat pul baýragy, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentiniň göçme kubogy bilen sylaglandy. Garaşsyz Türkmenistanyň uly baýramynyň şanyna ussat çaňpyksuwarlaryň arasynda guralan ýaryşda ýaş seýis Kerimguly Berdimuhamedowyň taýýarlan Daghan atly bedewini çapan Gahryman Arkadagymyz hemmelerden ozup, baş baýraga mynasyp boldy. Bu ýaryşyň ýeňijisine «Range Rower Sport» awtoulagy gowşuryldy. Bu dabarany alyp baryjy Gahryman Arkadagymyzyň öz mynasyp bolan Şa serpaýyny ýurdumyzyň Goranmak ministrligine, has takygy seržant Kerimguly Berdimuhamedowyň gulluk edýän harby bölümine sowgat edýändigi baradaky hoş habary yglan etdi. Ýurdumyzyň goranmak ministri, Döwlet howpsulyk geňeşiniň sekretary B. Gündogdyýew Şa serpaýyny – harby bölüme gowşurylan awtoulagy uly hoşallyk bilen kabul etdi.



Şu ýylyň 29-njy sentýabrynda Köpetdagyň eteginde Türkmenistanyň Prezidentiniň 1200 orunlyk Ahalteke atçylyk toplumynyň açylyş dabarasy bolup, oňa hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz gatnaşdylar. Ahalteke atcylyk toplumynyň açylyş dabarasynda çykyş eden türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz: «Ahalteke bedewleriniň ilkinji dörän gadymy hemde keramatly topragynda bina bolan Arkadag şäherimizde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, «At — myrat» okuw merkezi, Atçylyk ylmy-önümçilik merkezi, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki hem-de 600 orunlyk athana toplumy açylyp ulanmaga berildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň dünýä derejeli bäsleşiklerde gazanýan uly üstünlikleri halkymyzyň buýsanjyna öwrüldi» diýip belledi. Hormatly Gahryman Arkadagymyz öz çykyşyny:

Ýerde ýörän, gökde uçan tagtym sen,
Syrdaşym sen, myradym sen, bagtym sen,
Ýüregimde ebedilik aýdym sen,
Waspyň sena boldy dillere, bedew!

diýen goşgy bilen jemledi.

Şeýlelikde, özygtyýarlylyk döwrüniň gazananlary, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýy mynasybetli ýurdumyzyň paýtagtynda we ähli ýerlerinde ýaýbaňlanyrylan dabaraly çäreler gadymy hem müdimi türkmen halkynyň döwletliliginiň dowamat-dowamyny bütin dünýä ýaýyp, türkmen agzybirligini, bir başa bakýan merdana halkdygy baradaky hakykaty ummanlar aşyryp, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna jebisleşip oba-şäherleri döretmegiň, toýlar tutmagyň nobatdaky nusgasy hökmünde dünýä ýaýyldy.

Begmuhammet GYLYÇDURDYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Iş dolandyryş bölüminiň başlygy — iş dolandyryjynyň w.w.ý.ý.

HALK MASLAHATY: TARYHY MENZILLER WE BELENT MAKSATLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda mähriban halkymyz ýurdumyzyň baş baýramyny — beýik Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny aýratyn buýsanç bilen garşylaýar. Bu dabaraly baýramçylyk günlerinde merdana ata-babalarymyzyň asylly däplerine eýerilip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilmegi jemgyýetçilik agzybirliginiň, demokratik ýörelgeleriň dabaralanýandygyny alamatlandyrýar.

Mälim bolşy ýaly, 23-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibine mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmäge, şeýle hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen möhüm meseleler girizildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwrümiziň syýasy ulgamynyň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Ol milli ýaşaýyş we döwlet dolandyryş medeniýetimizdäki halk bilen, ýaşulular bilen maslahatlaşyp, möhüm meseleleri çözmek däbimiz häzirki taryhy döwürde-de döwrebap dowam etdirilmesidir. Her ýyl geçirilýän ählihalk maslahaty döwleti edara etmäge halky çekmegiň möhüm usullarynyň biridir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde Garaşsyz döwletimizde gazanylan üstünlikleriň netijeleri jemlenildi, ýurdumyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmegiň ileri tutulýan wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Milli Liderimiziň forumdaky çuň manyly çykyşynda Garaşsyzlygymyzyň şöhratly 35 ýylynda ýurdumyzyň ýeten sepgitleri, şeýle hem geljekde ähli ugurlar boýunça amala aşyryljak tutumly maksatnamalar öz beýanyny tapdy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda mähriban halkymyzyň agzybir zähmeti bilen ägirt uly işler amala aşyryldy. Türkmenistan dünýäniň abraýly hem-de kuwwatly döwletleriniň birine öwrüldi. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň parahat, abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça milli maksatnamalarymyza laýyklykda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini düýpli özgertmek, sebitlerimizi ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmek bilen bagly wezipeler üstünlikli ýerine ýetirildi. Bu döwürde Türkmenistanda döwrebap täze pudaklar we senagat kärhanalary döredildi. Häzirki wagtda iri senagat desgalary ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda möhüm orna eýedir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagy we onda maksatnamalaýyn çykyş etmegi umummilli forumyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Döwlet Baştutanymyz Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda ägirt uly işleriň durmuşa geçirilendigini, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary boýunça düýpli özgertmeleriň amala aşyrylandygyny, berkarar döwletimiziň at-abraýyny belent derejelere ýetiren Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary, belent tutumlary bilen ata Watanymyzyň kuwwatly döwlete öwrülendigini belledi hem-de parahatçylygyň we dostlugyň ýurdy, ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýynyň barha pugtalandyrylandygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz çuň manyly taryhy çykyşynda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlarynda, şol sanda gurluşyk we senagat toplumynda hem gazanylan üstünlikler we durmuşa geçirilýän işler barada durup geçdi.

«Şu ýyl Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda

gurluşyk garyndylaryny hem-de gipsokarton önümlerini öndürýän döwrebap kärhanany işe girizip, gurluşyk pudagynyň binýadyny has-da berkideris. Himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

«Daşary ýurtlara elektrik energiýasyny ygtybarly ibermek, içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýyl Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda döwrebap köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň ulanmaga berilmegi energetika pudagynyň mümkinçiliklerini has-da artdyrar. Häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak we olaryň dünýä standartlaryna gabat gelmegi üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Döwlet ähmiýetli awtomobil ýollaryny gurmak boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýyl umumy uzynlygy 600 kilometr bolan Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat bölegi açylyp ulanmaga berildi. Häzirki wagtda Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.

Türkmenistan kuwwatly senagat döwletine öwrüldi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýurdumyzy senagat taýdan has-da ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etmek maksady bilen, «Türkmenistany senagat taýdan ösdürmegiň 2030 — 2045-nji ýyllar üçin Milli strategiýasynyň» kabul edilendigini aýratyn bellemek bolar. Halk Maslahatynda şeýle möhüm strategiýanyň, beýleki resminamalaryň we çözgütleriň kabul edilmegi biziň her birimizde hakyky watançylyk duýgusyny has-da artdyrýan, milli buýsanjymyzy joşdurýan waka boldy.

Halkymyzyň abadan durmuşynyň kepillendirilmegi, döwletimiziň ösüşlerini has-da işjeňleşdirmegi, şeýle hem ýurdumyzda durnukly ösüşiň gazanylmagy üçin beýik işleri durmuşa geçirýän döwlet Baştutanymyzyň, Milli Liderimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik maksatlary myrat tapsyn!

Rahmandurdy RAHMANOW,
Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat işgärleriniň kärdeşler arkalaşygy Geňeşiniň başlygy.



ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY ÜSTÜNLIKLERINIŇ SERGISI

Ol eziz Diýarymyzyň geljekki ösüşleriniň ygtybarly girewidir



Şöhratly taryhymyzyň altyn harplar bilen ýazylan öçmejek sahypalaryny öz içine alýan Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny, halkymyzyň agzybirlik, döwletlilik, özbaşdak durmuş hakyndaky arzuw-isleglerinden gelip çykýan durmuşa geçirmelerini, eziz Diýarymyzyň ýeten ykdysady üstünliklerini giňden beýan edýän sergi hem-de «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Söwda-senagat edarasynyň binasynda guralan forum aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz öz Gutlagynda şeýle beýan edýär: «Garaşsyzlygymyzyň aýdyň ýolunda ykdysadyýetimiziň gazanan uly üstünlikleriniň özboluşly görkezijisi hökmünde guralýan bu serginiň ata Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşini giňden ýaýmakda möhüm ähmiýeti bardyr». Ýurt Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk uly baýramynyň öňüsyrasynda geçirilýän bu sergide milli ykdysadyýetimiziň gaza-

nanlary, ýurdumyzyň edebi-jemgyýetçilik, medeni-ykdysady, syýasy, ýaşaýyş-durmuş özgertmeleri, özboluşly, ýaşaýyş-durmuş maksatly alnyp barlan işler, Garaşsyzlyk ýyllarynda amala aşyrylan özgertmeler özboluşly beýan edildi.

Serginiň başynda hormatly Prezidentimiziň ýurt Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna bagyşlanan Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysady üstünlikleri mynasybetli guralýan sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlyk döwründe halk hojalygynyň ähli ugurlarynda ýurt abadançylygy, Garaşsyz Türkmenistanyň raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuşynyň düýpli özgermegi, ylymda-bilimde ýokary üstünlikleriň gazanylmagy, pudaklara öňdebaryjy innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň senagatlaşdyrylmagy babatda düýpli işler durmuşa geçirildi, goňşy we beýleki dünýä döwletleri bilen doganlyk-dostluk gatnaşyklar ýola goýuldy hem-de ösdürildi, bular babatda düýpli işler durmuşa geçirildi we olar mundan beýlägem amala aşyrylar. Bular baradaky hakykat sergä gatnaşyjylara wideoşekiller arkaly görkezildi we sergi tekjelerini bezeýän gymmatlyklar, ministrlikleriň, pudaklaýyn edaralaryň diwarlyklaryna ýerleşdirilen önümler, diwarlyklar arkaly bular barada giňişleýin gürrüň berildi.

Garaşsyzlykdan, dünýä ösüşlerinden bihabar ýaly görnen Türkmenistan döwletimiz 1991-nji ýylyň güýzünde özbaşdak döwlet hökmünde orta çykdyda, öz wepadar, gujur-gaýrata baý ogullarynyň başda durmagynda barha we barha ösdi, döwlet hökmünde taplandy. Binalary asman bilen bäsleşýän ymaratlaryň, aýnanyň ýüzi ýaly tekiz ýollaryň, seýilgähleriň, sport desgalarynyň, şypahanalaryň we beýleki il hem ýurt bähbitli desgalaryň gurluşyklaryna girişdi. Paýtagtymyzda ilkinji «akylly» öýler, şonuň yz ýanyndan hem Arkadag «akylly» şäheri gurlup ulanmaga berildi. Döwrebap binalary, şäherleri we obalary gurmak, raýatlarymyzyň medeniýetli ýaşaýşyny, dynç alşyny, işlemegini üpjün etmek üçin ýurdumyzda energiýa serişdelerini öndüriji desgalar, täze, kuwwatly kärhanalar, önümçilik merkezleri gurlup, döwrebap Halkara howa, deňiz-derýa, demir ýol menzilleri, saglygy goraýyş, şypahana-dynç alyş merkezleri döredildi. Gysgaça aýdanyňda eziz Diýarymyzda Garaşsyzlyk bilen galkynan ak şäherimiz Aşgabat, hormatly Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen gurlan Arkadag şäheri, welaýatlarymyzda boýy ýetirilen ak mermerli, göze gelüwli, şäherler bilen sazlaşýan merkezler-binalar gurlup halkymyza peşgeş berildi. Bular ba-



rada Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ykdysady üstünliklerini-niň sergisinde birin-birin beýan edildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagynda bular barada: «Biz Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda amala aşyrylan özgertmelere baha bermek bilen, özygtyýarly ösüşiň her gününiň, her aýynyň taryhy wakalara beslenýändigini uly ynam bilen aýdyp bileris. Muňa berkarar döwletimizi senagat taýdan ösdürmek, ýurdumyzyň oba hojalygyny ösgertmek, önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak hem-de ykdysadyýetimiziň pudaklaryny öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün etmek, ähli ugurlara ylmyň iň täze gazananlaryny ornaşdyrmak boýunça döwlet maksatnamalarynyň we halkara ähmiýetli ägirt uly taslamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär» diýip belleýär.

Ýurdumyzyň häzirki zaman ösüşleri, gurluşykda gazanýan üstünlikleri, günsaýyn özgerýän keşbi gurluşyk we senagat toplumynda gazanylýan üstünliklere hem baglydyr. Paýtagtymyzda gurlan on alty tapgyrdan ybarat medeni-durmuş maksatly binalar, golaýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermeginde Aşgabat we Türkmenabat şäherlerinde gurlan Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary, birinji tapgyry gurlup, ikinji tapgyry hem ýokary depginler bilen gurulýan Arkadag şäherimiz we beýleki medeni-durmuş maksatly binalar toplumlary ýurdumyzyň ähli ugurlarda ýokary derejede ösýändigini görkezýär. Elbetde, Garaşsyzlyk döwrümizde gazanylanlar, döredilen berk ykdysady binýat, bu ugurdan alnyp barylýan işler sergide öz beýanyny tapmak bilen, ol eziz Diýarymyzyň geljekki ösüşlerine goýlan berk, ygtybarly binýatdyr. Munuň şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz öz Gutlagynda şeýle belleýär: «Bu gün öz işine başlaýan giň möçberli sergide diňe bir berkarar Watanymyzyň gazanan üstünlikleri, ýeten sepgitleri däl-de, eýsem, geljekki ösüşleriň badalgasyna öwrüljek başlangyçlarymyz, täze taslamalarymyz hem giňden öz beýanyny tapýar. Çünki Garaşsyzlyk ýyllarynda döredilen berk ykdysady binýat eziz Diýarymyzyň geljekki ösüşleriniň ygtybarly girewidir».

Gurbanguly NAZAROW,
Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň
Artyk obasynyň ýaşaýjysy, lukman.





YLYM-BILIM WE MILLI TERBIÝE — GELJEGIMIZE ŞAMÇYRAG

Milli Liderimiz Arkadag şäherinde umumy okuw sapagyny geçdi

Bagtyýar ýaşlar ata Watanymyzyň nurana geljeginiň eýeleridir. Hut şonuň üçin-de ýaş nesli ak ertirlere milli ýol-ýörelgelerimize kybap taýýarlamak, olaryň çuňňur watançylyk duýgularyny ösdürmek şu günüň iň wajyp meselesiniň biridir. Şol jähetden 2-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni we täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli umumy okuw sapagyny geçmegi möhüm ähmiýete eýedir. Göräýmäge, talyp ýaşlardyr okuwçylar üçin niýetlenen ýaly hem bolsa, Milli Liderimiziň bu okuw sapagynyň her birimiz üçin unudylmajak watançylyk sapagy bolandygyny aýratyn bellemelidiris.

Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagy Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanan ägirt uly üstünliklerine, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna, ýaşlaryň döwletiň, jemgyýetiň, ata-enäniň we maşgalanyň öňündäki mukaddes borçlaryna bagyşlandy. Oňa ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda işleýän ýaş hünärmenler, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, mugallymlar we talyplar, mekdep okuwçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Milli Liderimiziň ýaşlaryň, duşuşyga gatnaşyjylaryň öňünde döwrüň beýik sapagy bolan okuw sapagyny geçmegi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýunyň öňüsyrasynda bolup geçen örän uly ähmiýetli taryhy waka boldy. Onuň dowamynda ýaş nesliň öwrenmäge höwesini artdyrmak, olaryň milli gymmatlyklara wepalylygyny berkitmek babatda many-mazmuna baý bolan pikirler beýan edildi. Öňe sürlen her bir pikir

ýaşlaryň durmuşynda dogry ýol-ýörelgäni saýlamagyna, Watana bolan söýgüsini iş ýüzünde görkezmegine ýardam berýän nusgalyk öwüt-ündewlere öwrüldi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly şanly ösüşlere, taryhy wakalara beslenýär. Munuň şeýledigini sahawatly güýzüň ilkinji günlerinde ýurdumyzyň we jemgyýetimiziň durmuşynda bolup geçen möhüm wakalar görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda dabaraly açylyp ulanmaga berlen paýtagtymyzdaky Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň we Türkmenabatdaky Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlarynyň enjamlaşdyrylyşy, bu bilim ojaklarynda döredilen döwrebap okuw-terbiýeçilik şertleri halkara ülňülere kybap gelýän milli bilim ulgamynyň döredilýändigine şaýatlyk edýär.

Umumy okuw sapagynyň dowamynda ýurdumyzda garaşsyz ösüşiň 35 ýylynda gazanylan üstünlikler, ýetilen belent sepgitler, hemişelik Bitaraplygymyzyň esasynda dünýä döwletleri bilen alnyp barylýan dost-doganlyk gatnaşyklary barada çuň mazmunly gürrüň edildi. Gahryman Arkadagymyz bu beýik üstünlikleri dowam etmekde ýaşlara uly ornuň degişlidigini nygtamak bilen, ýaş nesliň edep-terbiýesi, maşgala gymmatlyklary, milli miras, beýik şahsyýetlerimiz barada giňişleýin durup geçdi.

Hormatly Arkadagymyz okuw sapagyndaky çykyşynda şeýle belledi: «Häzirki döwürde Türkmenistan kuwwatly, durnukly we ýokary depginler bilen ösýän ýurt hökmünde giňden tanalýar. Hormatly Prezidentimiz Watanymyzy ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe alyp barýar. Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýady has-da berkidilip, ýurdumyzyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!!» diýen şygarymyzdan ugur alyp, gazanylýan ajaýyp üstünlikler, amala aşyrylýan toplumlaýyn işler şu günümiziň hem-de geljegimiziň beýikdigini ykrar edýär».

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdyasdyýetimiziň ähli ulgamlarynda ägirt uly ösüşler gazanylýar. Bu taryhy döwürde uzak geljegi nazarlaýan «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» kabul edilip, berkarar Watanymyzda ösüşleriň ýeňişli we şöhratly ýollary geçilýär.

Milli Liderimiziň okuw sapagynda belleýşi ýaly, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň senagat ulgamynyň keşbi tanalmaz derejede özgerdi. Bütinleý täze pudaklar – dokma, himiýa, gurluşyk, elektrik energetika pudaklary döredildi we olarda amala aşyrylýan işler uly ösüşlere beslenýär.

Bu gün Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly döwletlilik ýörelgelerini Arkadagly Gahryman Serdarymyz egsilmez gujur-gaýrat, uly yhlas bilen dowam etdirýär. Şonuň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz pajarlap ösýär, eziz halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar. Biz täze eýýamda eşretli durmuşda ýaşaýarys.

Alym Arkadagymyzyň hut özüniň ýaşlaryň öňünde Baş Mugallym, Baş Halypa bolup çuň many-mazmunly çykyş etmegi Gahryman Arkadagymyzyň geljegiň eýesi bolan nesiller hakynda nähili uly alada edýändiginiň ýene bir güwäsidir. Milli Liderimiz hem ylym öwredýär, hem ýol görkezýär. Gahryman Arkadagymyzyň umumy okuw sapagynyň döwürleri, nesilleri, köňülleri birleşdirýän möhüm ähmiýetli sapaga öwrülendigini-de aýtmak gerek. Bu okuw sapagy diňe gymmatly maglumatlary özünde jemländigi bilen däl-de, ýüreklere aralaşyp, duýgulary oýaryp, ýaş nesliň watançylyk söýgüsini artdyrandygy bilen ähmiýetlidir.

Şeýle gymmatly, çuňňur akyl-paýhasa we öwüt-ündewlere ýugrulan, taryhy-syýasy ähmiýetli ajaýyp okuw sapagyny geçirendigi üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, alkyş sözlerini aýdýarys.

Milli Liderimiziň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak we berkarar döwletimiziň gülläp ösmegi hem-de mähriban halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin alyp barýan tutumly işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

Guwanç PIRNEPESOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň mugallymy.

YLYM-BILIMIŇ BINÝADY BERKDEN TUTULYP, DABARASY DAGLAR AŞÝAR

Dürli ir-iýmişe baý, ýaş nesliň iň bir begençli-buýsançly, ömürlik ýatda galyjy günleriniň biri bolan güýz paslynyň 1-nji sentýabrynda ýurdumyzyň ýokary we orta okuw mekdepleri bagtyýar geljegimiziň hak eýeleri boljak ýaşlar üçin gapylaryny giňden açyp, 1-nji synpa okuwa barýan çagalar üçin ilkinji jaň sesleri ýaňlandy. Şol gün hakykatdan hem täze orta we ýokary okuw mekdepleriniň gujagyna ilkinji gezek dolan çagalaryň, talyplaryň hem harby talyplaryň şatlyk-begenjiniň çägi ýokdy. Şol gün şeýle-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermeginde Aşgabat we Türkmenabat şäherlerinde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary açylyp ulanmaga berildi.

Ylym we bilim ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek, bu ulgamy ýokary hil derejesine çykarmak, ýurdumyz üçin gurluşyk hem senagat toplumy ulgamynda ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak, ýurdumyzda häzirki zaman talaplaryna görä işläp biljek, import önümleriniň derejesinde önüm öndürip, eksporta iberiljek önümleri çykarmaga ukyply ýokary hem orta bilimli hünärmenleri ýetişdirmek Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan we durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň esasyny düzýär. Hormatly Prezidentimiziň bu ugurdan öz çykyşynda: «Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bilim ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça maksatnamalaýyn



işler amala aşyrylýar. Garaşsyz ýurdumyzda ylmyň soňky gazananlaryny bilim ulgamyna ornaşdyrmaga, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaga, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär» diýip bellemegi hem munuň şeýle boljakdygyna güwä geçýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 1-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň hut özüniň ak pata bermeginde 5 müň orunlyk Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, şonuň ýaly hem 5 müň orunlyk Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň binalar toplumy gurlup ulanmaga berildi. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy tarapyndan 32,2 gektara barabar meýdanda gurlan Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň okuw binasy döwrebap enjamlar bilen üpjün edilip, onda 13 gatdan ybarat bolan baş bina, 8 sany fakultet, 28 sany kafedra, kitaphana, mejlisler zaly göz öňünde tutulandyr. Şonuň ýaly-da bu häzirki zaman şäherçesinde talyplar üçin 2 müň 600 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýy, mugallymlar üçin 2 sany, her biri 40 öýli ýaşaýyş jaýy bar. Diýmek, bu häzirki zaman bilim ojagynda ýokary derejeli hünärmenleriň, gurluşykçy injenerleriň we senagatçylaryň kemala geljekdigine ynanýarys. Munuň şeýledigi barada hormatly Prezidentimiz öz Gutlagynda: «Ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumy üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutyna uly orun degişlidir. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy tarapyndan bina edilen 5 müň orunlyk Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumy häzirki zamanyň ösen talaplaryna doly laýyk gelýär» diýip belleýär.

Şonuň ýaly hem şol gün Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy tarapyndan 26 gektara golaý meýdanda bina edilen Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň binalar toplumynda 5 gatdan ybarat baş bina, 8 fakultet we 22 sany kafedra, mejlisler zaly, kitaphana binasy ulanylmaga berildi. Häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen täze institutyň binalary professor-mugallymlaryň bilim işlerini has-da döwrebap derejede guramagy, talyplaryň bolsa has-da ýokary derejede bilim almagy üçin döredilen şertlerdir.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumyna halkara güwänamalary gowşurmak dabarasyna gatnaşan «Gert international» halkara guramasynyň wekili hormatly Prezidentimizi we bu ýere gelenleri bu ajaýyp binanyň açylyş dabarasy bilen tüýs ýürekden gutlap, guramanyň adyndan instituta ISO-nyň 5 sany halkara standartyna laýyklyk güwänamalaryň gowşurylýandygyny aýtdy. Munuň özi institutyň ýokary derejesini tassyklap, täze binalar toplumynyň bilim, ylym, sanly tehnologiýalar, halkara hyzmatdaşlyk üçin diýseň uly mümkinçilikleriniň bardygyny görkezýär. Şeýle-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna hem dabaraly ýagdaýda halkara güwanamalary gowşuryldy.

Soňra hormatly Prezidentimizi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň binagärlik





enjamlary bilen tanyşdyrdylar. Institutyň tejribehanasynda Italiýanyň «Moho», «Sara Elektronik Instruments» kompaniýalarynyň ýertitremeler we seýsmiki gözlegler üçin enjamlary, Şweýsariýanyň «Leica» kompaniýasynyň ýokary takyklykdaky geodezik ölçegleri geçirmek üçin enjamlary, Türkiýäniň «UTEST» kompaniýasynyň gurluşyk serişdeleriniň, boýaglaryň, betonlaryň galyňlygyny ölçemek üçin niýetlenen enjamlar ýerleşdirilendir. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz «Mototion Systems PS-6TM-550» enjamynyň aýratynlyklary bilen hem tanyşdyryldy hem-de döwlet Baştutanymyza Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň adyndan ajaýyp türkmen halylary sowgat berildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz institutlaryň Hormatly myhmanlarynyň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Hormatly döwlet Baştutanymyz Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutyna täze awtoulag-



laryň açarlaryny gowşurdy. Şeýle-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna hem döwlet Baştutanymyzyň adyndan awtoulaglaryň açarlarynyň gowşurylyş dabarasynyň bolandygyny bellemek gerek.

Ýokary okuw mekdepleriniň täze döwrebap binalar toplumlarynyň açylyş dabaralarynyň ahyrynda institutlaryň professor-mugallymlary we ruhubelent talyplary milli bilim ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrýan ägirt uly işleri hemde täze bilim ojaklarynyň açylyp ulanmaga berlendigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza egsilmez alkyşlaryny beýan etdiler.



Meretgül DURDYÝEWA,
Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 85-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Belent Mertebeli Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary diwersifikasiýalaşdyrylýar we maddy-enjamlaýyn binýady ylmy-innowasion esasda düýpli ösdürilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp hem netijeli dowam etdirilýär. Türkmenistany dünýäniň öňdebaryjy senagat ýurtlarynyň hataryna goşmak boýunça durmuşa geçirilýän özgertmeler özüniň datly miwelerini berýär.

GURLUŞYK SENAGATYNYŇ DÖWREBAP HÜNÄRMENLERI

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory diýen belent adyň eýesi bolan hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan ägirt uly binagarlik-gurluşyk maksatnamalarynyň netijesinde medeni-durmuş maksatly binalar bilen bir hatarada, ýurdumyzda senagatyň täze-täze düzümleri gurlup yzygiderli işe goýberilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzy dünýäniň ykdysady hem-de senagat taýdan ösen döwletleriň birine öwürmek maksady bilen, bu ulgamy hemmetaraplaýyn höweslendirmek we goldamak, ýurdumyzyň intellektual kuwwatyny artdyrmak boýunça möhüm çäreleri durmuşa geçirýär. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak maksady bilen, dürli ulgamlarda ylmy barlaglary üstünlikli geçirmekde, milli ykdysadyýetimizi hem-de durmuş ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda innowasion tehnologiýalaryň möhüm ornuny üpjün etmek üçin ähli zerur şertleri döredýär.

Dünýäniň ösen döwletleriniň binagärlik-gurluşyk pudaklaryna mahsus iň gowy tejribeleri ýurdumyza çekmek we berkarar döwletimizde ýurdumyzyň binagärlik-gurluşyk hem gurluşyk materiallary senagatyny döwrebap hünärmenler bilen üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 25-nji maýynda kabul edilen Karary esasynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty döredildi.

Ýeri gelende bellesek, «Garaşsyz baky bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 1-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmen döwlet gurluşyk-binagärlik institutynyň täze binalar toplumy açylyp ulanmaga

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— Bilim ynsan paýhasynyň dowamatly ösüşidir, geçmişiň tejribesi bilen geljegiň innowasiýalaryny birleşdirýän köprüdir.







berildi. Ýurdumyzda giňden bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününe gabat gelen bu şanly waka milli bilim ulgamyny dünýäniň öňdebaryjy tejribesine laýyklykda ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek ugrunda giň gerimli işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky beýany boldy. Bu şanly waka institutymyzyň professor-mugallymlarynda, talyp-ýaşlarynda buýsanç duýgusyny döretdi we geljekki üstünliklere ruhlandyrdy.

Häzirki wagtda institutda okuwlar ösen döwrüň talaplaryna laýyklykda hünärmen maksatnamasy, taýýarlygyň bakalawr we magistr maksatnamalary boýunça halkara ölçeglerine laýyklykda alnyp barylýar hem-de ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumy üçin aşakdaky ugurlarda hünärmenler taýýarlanylýar.

Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (hünärler: senagat we raýat jaý gurluşygy; ýylylyk, gaz üpjünçiligi we howa çalyşygy; suw üpjünçiligi, ulanylan suwlary akdyryş we suw gorlaryny goramak; awtomobil ýollarynyň we uçuş meýdançalarynyň gurluşygy; gurluşyk materiallaryny, önümlerini we konstruksiýalaryny öndürmek; köprüler we ulag tunnelleri, şähergurluşygy, amaly geodeziýa; seýsmologiýa we seýsmika durnukly gurluşyk) ýaly hünärleri özünde jemleýär.

Himiýa tehnologiýalary, bu ugurda organiki däl maddalaryň himiki tehnologiýalary; eremesi kyn metal däl we silikat materiallarynyň himiki tehnologiýasy; himiýa tehnologiýasy (senagat pudagynda);

Binagärlik (hünärler: binagärlik, binagärlik gurşawynyň dizaýny, şähergurluşyk we ilatly ýerleri meýilleşdirmek),

Elektrik we ýylylyk energetikasy (hünärler: elektrik



üpjünçiligi; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy);

Maşyngurluşyk (hünärler: önümçiligiň we tehnologiýa prosesleriniň awtomatlaşdyrylyşy; göteriji-äkidiji, gurluşyk, ýol maşynlary we enjamlary; himiýa önümçiliginiň we gurluşyk materiallary kärhanalarynyň maşynlary we apparatlary);

Tehniki ulgamlarda dolandyryş (hünärler: metrologiýa, standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak (senagat pudagynda);

Ýeri öwreniş ylymlary (taýýarlygyň ugry: kartografiýa we geoinformatika (senagat pudagynda);

Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalary (senagat pudagynda), maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (senagat pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat-ölçeýiş tehnikasy we tehnologiýasy;

Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: maglumat howpsuzlygy); Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary (taýýarlygyň ugurlary: mikroelektronika we ýarymgeçiriji abzallar, senagat elektronikasy);

Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: önümçiligiň guralyşy we dolandyrylyşy (senagat pudagynda); kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy (senagat pudagynda).

Milli ykdysadyýetimiziň köpugurly ösüşi netijesinde Gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy; Logistika; Şähergurluşygy; Binagärlik gurşawynyň dizaýny, Şähergurluşyk we ilatly ýerleri meýilleşdirmek ýaly örän wajyp täze hünärler peýda boldy. Soňky ýylarda hem Binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek; Ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy; Himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy; Maglumat howpsuzlygy ýaly hünärler açyldy.

Şeýle-de bilim ulgamynyň ykdysadyýetini kämilleşdirmek, ylmyň we bilimiň netijeliligini ýokarlandyrmak, tebigy we takyk ylymlaryň esasy ugurlaryny kämilleşdirmek, ösdürmek, käbir ugurlaryny bolsa täzeden döretmek maksat edinilýär.

Garaşsyz ýurdumyzy ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak ugrunda taýsyz tagallalary durmuşa geçirýän, ylym-bilim we innowasiýalar älemine giň ýol açyp, halkymyzyň intellektual derejesini barha ýokarlandyrýan we kämil ösüş ýolunyň täze belentliklerine alyp barýan Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize çäksiz alkyş aýdýarys.

Goý, olaryň janlary sag, başlary dik bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutumly işleri mydama rowaçlyklara beslensin!

Hojamyrat DÖWLETOW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Işgärler we ýörite bölüminiň başlygynyň w.ý.ý.

ALKYŞ SIZE, ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZ!



Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli ildeşlerimiziň uly topary döwlet sylaglaryna mynasyp boldy. Şolaryň arasynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ulgamynda göreldeli zähmet çekýän işgärler hem bar. Şa serpaýly ildeşlerimiziň birnäçesiniň ýürek buýsanjyny okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik.



Annamyrat BAÝRAMOW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Zarba» ýöriteleşdirilen döwlet kärhanasynyň direktory, Türkmenistanyň «Gaýrat» medalynyň eýesi:

— Garaşsyzlyk ýyllary içinde Milli Liderimiziň başlangyçlary bilen we hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda berkarar döwletimizde asyrlara barabar işler amala aşyryldy. Ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynda hem uly zähmet ýeňişleri gazanyldy. Türkmen halky bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar, guráar we döredýär. Toýlary toýa ulaşýan ýurdumyzda gazanylýan üstünliklerde senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň işgärleriniň hem mynasyp paýy bar.

Mähriban halkymyzyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly toýuny uly dabara we ruhubelentlik bilen belleýän toýly günlerinde hormatly Prezidentimiziň Permany bilen beýleki ildeşlerimiz bilen birlikde maňa hem Şa serpaýynyň — Türkmenistanyň «Gaýrat» medalynyň berlendigi üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýaryn. Biz mundan beýläk hem agzybir işgärlerimiz bolup, tutanýerli we yhlasly zähmet çekjekdigimize ynandyrýaryn.



Hangeldi NURÝAGDYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Demir mehaniki kärhanasynyň ussasy, «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly adyň eýesi:

— Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň beýleki edara-kärhanalarynda bolşy ýaly, Demir mehaniki kärhanamyzda hem ýokary netijeler gazanylýar. Bu kärhanada metal gurnamalary, edara-kärhanalaryň buýurmalary

esasynda ätiýaçlyk şaýlaryny öndürýäris. Demir mehaniki kärhanamyzda tejribeli ussa hökmünde şägirtlerimiziň ussat hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin güýç-gaýratymy gaýgyrmaýaryn.

Kärhanamyzda energetika pudagynyň sargytlaryna görä ýokary woltly tok geçiriji sütünlerini gurmak, transformator gutularyny, toýundan we reňkli metallardan guýma önümleri ýasamakda hem mynasyp şägirtleri ýetişdirmek bize bildirilýän esasy talaplaryň biri. Şonuň ýaly-da disk-opor, nasos bejermek işlerini alyp barýarys. Bu zatlar edara-kärhanalar tarapyndan uly isleg bildirilýän önümlerdir. Elbetde, diňe bu işler däl, ministrligimiziň edara-kärhanalarynda gurluşyk senagatyny ösdürmek barada başga-da düýpli işler alnyp barylýar, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan, hil taýdan ýokary, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman kärhanalarymyzda öndürilýän döwrebap önümler hemmämiziň hoşumyza gelýär. Türkmenistany senagat taýdan ösen, öňdebaryjy ýurda öwürmek, Diýarymyzda alnyp barylýan gurluşyklary önümler bilen üpjün etmek boýunça öňde goýlan möhüm wezipelere aňly-düşünjeli hötde gelmek barada häzirki zaman senagat ulgamynda ýola goýlan dolandyryş iş usullaryny has-da kämilleşdirmek ugrunda her birimiziň mynasyp goşandymyzy goşmak biziň üçin gaýragoýulmasyz meseleleriň biridir. Biz mundan beýlägem yhlasly we döredijilikli zähmet çekmek bilen uly üstünliklere ýeteris. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bize bildiren ynamyny aňrybaş derejede ödäris diýip söz berýäris.



Şageldi ATAÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Balkan» sement zawodynyň direktorynyň orunbasary — şertnamalar we taýýar önümleri ýerleşdiriş we maddy-tehniki üpjünçilik bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň «Watana bolan söügüsi üçin» medalynyň eýesi:

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ýurdumyzyň şanly Garaşsyzlyk toýunyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiziň Permany bilen maňa-da Türkmenistanyň «Watana bolan söügüsi üçin» medaly gowşuryldy. Elbetde, alyp barýan işimiz üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan şeýle uly Şa serpaýynyň gowşurylmagy depämizi göge ýetirdi. Garaşsyzlyk döwrümizde halk hojalygynyň ähli ugurlarynda, aýratyn hem senagat we gurluşyk önümçiligi ulgamynda asyrlara barabar işler alnyp baryldy, ägirt uly üstünlikler gazanyldy hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bu işler has ýokary depginde dowam etdirilýär. Paýtagtymyz Aşgabatda, we welaýatlarda alnyp barylýan gurluşyklary, ak mermere beslenýän binalaryň boýunyň ýetirilişini, Merkezi Aziýada ilkinji gurlan «akylly» Arkadag şäherinde alnyp barylýan işleri görmäge göz, taryp etmäge söz gerek. Şol şäherleriň ählisiniň diýen ýaly gurluşygynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň edara-kärhanalarynda öndürilýän önümler ulanylýar. Biziň sement zawodymyzda uly islegden peýdalanýan dürli markaly sement önümleri zerur möçberlerde öndürilýär. Ýokary dünýä ülňülerine laýyk gelýän, innowasion tehnologiýalar hem enjamlar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman kärhanamyzda öndürilýän önümlerimiziň mundan beýlägem ýokary hilli, uly isleg bildirilýän önümler bolmagy üçin güýç-gaýratymyzy gaýgyrmajakdygymyza hormatly Prezidentimizi, ähli ýolbaşçylarymyzy ynandyrýarys.

Ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmek barada edýän taýsyz tagallalary üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys. Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, alyp barýan tutumly işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris!



Nargiza MUSUROWA,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Lebap» sement zawodynyň naharhanasynyň müdiri, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:

— Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk şanly baýramy uly ruhubelentlik we buýsanç bilen bellenildi.

Biziň zähmet çekýän «Lebap» sement zawodymyz Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň öňdebaryjy kärhanalarynyň biridir. Agzybir işgärlerimiz göreldeli we yhlasly zähmet çekýärler. Watanymyzyň gülläp ösmeginde, döwletimizde ýokary depginde alnyp barylýan gurluşyklaryň gurluşyk önümleri bilen ýeterlik üpjün edilmeginde olaryň mynasyp paýy bar.

Ähli ugurlarda ägirt uly rowaçlyklara beslenýän ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramy meniň durmuşymda uly şatlyga öwrüldi. Maňa hormatly Prezidentimiziň Permany bilen Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi bolmak bagty miýesser etdi. Men çeken yhlasly zähmetime ýokary baha beren Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz hoşallygymy bildirýärin. Biz zawodymyzyň zähmetsöýer işgärleri bolup, bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly barýan Watanymyzda bitirilýän işlere mundan beýläk hem yhlasly we tutanýerli zähmet çekmek bilen öz mynasyp goşandymyzy goşarys.



Hangeldi GULSARYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Ulag, mehaniki we energetika bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:

— Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahrymaan Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgeleri bütin ýurdumyzda durmuşyň özenine öwrüldi. Berkarar döwletimizde göreldeli zähmet çekseň, uly hormata mynasyp bolýarsyň.

Men indi 15 ýyl bäri Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ulgamynda zähmet çekip gelýärin. Zähmet çekseň, gadyryň bilinýär. Dabaraly bellenip geçilen şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýy meniň durmuşymda hem ýatdan çykmajak günleriň biri boldy. Hormatly Prezidentimiz meniň çeken zähmetime ýokary baha berip, meni Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglady. Bu bolsa meni geljekki zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy.

Bize şeýle bagty peşgeş berýän, türkmen halkynyň eşretli, bagtyýar, abadan durmuşda ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

Gahryman ARKADAGYMYZYŇ
«Suw — ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi» atly kitabyndan:

Geçmişde biziň ata-babalarymyz suwuň her damjasyny altyna deňäp, oňa Allatagalanyň beren iň gymmatly baýlygy hökmünde togap edip, keramat hökmünde garapdyrlar.



BAŞ ALADA — EŞRETLI DURMUŞ, BAGTYÝAR GELJEK

Raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň infrastrukturasynyň döwrüň talaplaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrylmagy durmuşa geçirilýän giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň ileri tutulýan ugurlarydyr. Şunuň bilen baglylykda, 1-nji iýulda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda we Aşgabat şäherinde suw hojalygyna degişli täze, döwrebap desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi buýsandyryjy wakadyr. Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda ýurdumyzda suwaryş ulgamyndaky milli tejribeler döwrebap tehnologiýalardyr sanly ulgam arkaly yzygiderli kämilleşdirilýär. Ekerançylyk ýerleri suwarmagyň has netijeli usullaryny ornaşdyrmak, şeýle hem ilaty has arassa agyz suwy bilen üpjün etmek maksatlaryndan ugur alnyp, iri taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar.

Suw – ýaşaýşyň çeşmesi, rysgal-berekediň gözbaşy. Suwy keramat saýan ata-babalarymyz onuň her damjasynyň gadyr-gymmatyny bilipdirler. Häzirki döwürde bilermenler suwuň XXI asyryň iň gymmatly baýlygyna öwrülip, geljegiň halkara syýasy we ykdysady gatnaşyklarynda aýgytly orun eýelejekdigini belleýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, suw – dünýäniň ähli halklaryna degişli bolan tutuş adamzadyň umumy mirasy. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda her bir döwletiň bähbitleri nazara alnyp, suw serişdelerini döretmek, dikeltmek, dolandyrmak we oýlanyşykly sarp etmek babatda tagallalary birleşdirmek bolsa Türkmenistanyň umumadam-





zat ähmiýetli üýtgewsiz garaýyşlarydyr. Ýurdumyzda ynsan ýaşaýşynyň ilkinji zerurlyklarynyň biri bolan suwuň her bir adama ýeterlik bolmagy babatdaky meseleler öwrenilýär we bu ugurda ähli zerur işler durmuşa geçirilýär.

Täze taryhy döwürde suwdan netijeli peýdalanmaga gönükdirilen işler esasynda suw hojalyk pudagy yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Muňa Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda we Aşgabat şäherinde suw hojalygyna degişli täze, döwrebap desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi hem şaýatlyk edýär.

Gökdepe etrabynyň çäginde gurlan iki sany 21-nji we 22-nji suw göteriji beketleriň gurluşyk işlerini Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Nahal» hojalyk jemgyýeti ýerine ýetirdi. Bu iki suw göteriji bekediň sazlaşykly işi arkaly dag etek belentligindäki ekerançylyk ýerleri suw bilen bökdençsiz üpjün ediler.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ekologik taýdan arassa suw tygşytlaýjy we arassalaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça hem toplumlaýyn çäreler alnyp barylýar. Şu nukdaýnazardan, Aşgabat şäher häkimliginiň buýurmasy esasynda «Interbudmontaž» kompaniýasy tarapyndan gurlan Garagum derýasynyň 793-nji kilometrinde geçirijiligi sekuntda 181 kub metre barabar bolan suw akymyny sazlaýjy-bekleýji täze desganyň işe girizilmegi uly ähmiýete eýedir. Döwrebap desga ak mermerli paýtagtymyzyň hojalyk we agyz suw üpjünçilik derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Täze gidrotehniki desgada ähli işler awtomatik ýagdaýda dolandyrylýar. Suw desgasynyň gatlalary elekromehaniki usulda açylyp-ýapylyp, suwa we onuň töweregindäki ýagdaýlara sanly ulgam arkaly gözegçilik edilýär. Garagum derýasynyň hanasynda ýerleşýän bu desganyň jemi 6 sany gözi bolup, olaryň her biriniň ini 5 metre, beýikligi 3,5 metre deňdir, desganyň her bir gözi sekuntda 30,1 kub metr suw akymyny geçirmäge ukyplydyr. Mundan başga-da, dispetçer nokady dizel-generator bilen üpjün edilip, «Garagumderýa» birleşiginiň aragatnaşyk toruna birikdirilendir. Taslamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde suwy sazlaýjy-bekleýji desga, dispetçer nokady, ýerasty howdanlar, suw sorujy hem-de elektrik beketleri guruldy. Bularyň ählisi ýurdumyzda durmuş, önümçilik we tehniki maksatly desgalaryň gurluşygyna köpugurly esasda çemeleşilýändigini görkezýär.

Umuman, Gökdepe etrabynda we Aşgabat şäherinde suw hojalygyna degişli täze, döwrebap desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli guralan dabaralar toý ruhuna beslenip, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirdi.

Toýlymämmet ANNAMUHAMMEDOW,
S. A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.

Ýurt Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda ägirt uly özgertmeleriň amala aşyrylmagyna giň ýol açyldy. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň hemme pudaklarynda, şol sanda ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynda oňyn özgertmelere badalga berdi.





GARAŞSYZLYK BILEN GALKYNÝAN PUDAK

Taryh üçin uzak bolmadyk 35 ýyl gazanylan üstünlikleriň ähmiýeti boýunça asyrlara barabar döwür boldy. Ykdysady özgertmeleriň geçirilmegi, öňi bilen, ykdysadyýetiň pudaklarynyň işini täzeçe, döwrüň talabyna laýyklykda guramaga we ony dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetiň özboluşly nusgasynyň kemala gelmegine mümkinçilik berdi.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk taryhynyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary we taýsyz tagallalary bilen Türkmenistan döwletimizde senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynda hem uly üstünlikler gazanyldy. Ýurdumyzda sanlyja ýyllaryň içinde amala aşyrylan düzümleýin özgertmeleriň netijesinde, bu ulgam öz ösüşiniň hil taýdan täze tapgyryna gadam basdy, pudakda birnäçe maksatnamalaýyn işler üstünlikli durmuşa geçirildi. Olaryň ählisinde ýurdumyzy ösen senagat döwletine öwürmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan, şeýle hem eksport ugurly önümleriň önümçiligini ýola goýmak, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman kärhanalaryny gurmak, ýerli çig malyň esasynda öndürilýän gurluşyk serişdeleriniň ýokary hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny gazanmak bilen, paýtagtymyzda hem welaýatlarda giň gerimde alnyp barylýan gurluşyk-

lary we ilatymyzy gurluşyk önümleri bilen üpjün etmek esasy wezipe edilip kesgitlenildi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ulgamynda dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň kämil enjamlary bilen enjamlaşdyrylan kuwwatly kärhanalar gurlup ulanyşa berildi. Şeýle kärhanalaryň hatarynda iri senagat kärhanalary bolan «Bäherden», «Balkan», «Lebap» sement zawodlaryny, «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasyny, «Türkmenmermer» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetini, Merkezi Aziýada iri kärhanalaryň biri bolan «Türkmen aýna önümleri» kärhanasyny, Gazbeton öndürýän zawody görkezmek bolar.

Şeýle hem «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052–nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş–ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» esasynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmek boýunça giň gerimli işler amala aşyryldy hem-de bu möhüm maksatnamalarda bellenen çäreleri durmuşa geçirmek boýunça işler üstünlikli dowam etdirilýär. Muňa 2025-nji ýylyň mart we maý aýlarynda kuwwatlylygy ýylda 1 million tonna barabar bolan «Bäherden» we «Lebap» sement zawodlarynyň ikinji tapgyrlarynyň açylyp ulanmaga girizilmegi hem şaýatlyk edýär.

Bulardan başga-da, 2025-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde bir gije-gündiziň dowamynda 100 tonna çüýşe önümlerini öndürmäge niýetlenen döwrebap önümhana ulanmaga berildi. Şeýle-de Garaşsyzlyk ýyllary içinde pudagyň birnäçe önümçilik kärhanalarynda we degişli önümhanalarynda düýpli abatlaýyş işleriniň geçirilendigini hem bellemek gerek. Häzirki wagtda ministrliginiň senagat kärhanalarynda sement, demir önümleri, gurluşyk üçin zerur bolan bezeg serişdeleri, aýna we aýna önümleri, gazbeton bloklary, magdan däl gurluşyk materiallary, keramzit, maşyngurluşyk we polimer önümleri hem-de beýlekiler öndürilýär.

Bularyň ähli ýurdumyzyň senagat pudagyny has-da ösdürmäge hem-de ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, paýtagtymyzda we welaýatlarda ýokary depginde alnyp barylýan gurluşyklary hem-de Merkezi Aziýada ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag



şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurlyşyklaryny ýokary hilli gurluşyk serişdeleri bilen doly we bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Pudakda bilelikdäki kärhanalary döretmäge we täze önümçilikleri ýola goýmaga uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti, elektron senagaty ösdürmek babatda ýaýbaňlandyrylan özgertmelere ministrliginiň bilelikdäki «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti mynasyp goşant goşýar. Bu hojalyk jemgyýet tarapyndan Led lampalaryň we daşky yşyklandyryjy çyralaryň, dürli görnüşli ýolyşyklaryň we ýol belgileriniň, dürli ölçegli telewizorlaryň, monobloklaryň, planşetleriň, noutbuk kompýuterleriň, split sowadyjylaryň, suw paýlaýjy ulgamynyň, routerleriň, smartfonlaryň, ykjam telefonlaryň, bankomatlar üçin niýetlenen termokagyzlaryň, dürli maksatlara niýetlenen plastik kartlaryň önümçiligi netijeli alnyp barylýar.

Ministrliginiň «Nebitmaş» döwlet kärhanasy bilen «Algap» hususy kärhanasynyň gatnaşmagynda bilelikde döredilen «Senagat tehnologiýalary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetinde polat armaturasynyň ornuny tutýan kompozit armaturasynyň hem-de kompozit setkasynyň önümçiligi ýola goýuldy. Şeýle hem bu ýerde aýna galyndylaryndan aýna süýümi öndürilýär.

Häzirki wagtda ministrliginiň Köýtendag kän müdirligi bilen «Ak bulut» hojalyk jemgyýetiniň arasynda gury gurluşyk garyndylaryny we gipsokartony öndürýän bilelikdäki «Türkmen gips» hojalyk jemgyýeti döredilip, şu günde ýyllyk kuwwatlylygy 20 million inedördül metr gipsokarton we 250 müň tonna gury-gurluşyk garyndydan ybarat bolan zawodyň gurluşyk işleri dowam edýär.

Ýurdumyzda gurulýan köp gatly ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki desgalaryň sanynyň has-da artýandygy bilen baglylykda, liftlere zerurlygyň köpelýändigi göz öňünde tutulyp, «Nebitmaş» döwlet kärhanasy tarapyndan «Sport ýyldyzy» hususy kärhanasy bilen bilelikde ýyllyk kuwwatlylygy 400 sany lift öndürmäge niýetlenen bilelikdäki «Türkmen lift» hojalyk jemgyýeti döredildi we onda diňe bir lift öndürilmän, liftleriň abatlaýyş-bejeriş işleri hem amala aşyrylar. Häzirki wagtda bu kärhananyň gurluşyk işleri alnyp barylýar.

Täze önümçilikleri döretmek boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde ýol gurluşygynda giňden peýdalanylýan ýol gyra jähek daşlarynyň we ýol barýerleriniň önümçiligini ýola goýmak maksady bilen, ministrliginiň Aşgabat şäherindäki we welaýatlardaky «Demirbetonönümleri» kärhanalary tarapyndan «Türkmen senagat eksport-import» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti bilen şertnama baglaşylyp, sargyt edilen enjamlar we ätiýaçlyk şaýlary Hytaý Halk Respublikasyndan getirilip, kärhanalarda gurnaldy.

Şeýle hem 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda «Lebap» sement zawodynyň çäginde pudagyň ähli sement zawodlarynda öndürilýän dürli görnüşli sement önümlerini gaplamak üçin niýetlenen ýyllyk kuwwatlylygy 1 million sany bolan 1 500 kilogram göwrümli big begleri we ýyllyk kuwwatlylygy 30 million sany bolan 50 kilogram göwrümli polipropilen haltalary öndürýän gaplyk halta önümhanasy gurlup ulanyşa goýberildi.

Mundan başga-da, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen çärelere laýyklykda, bilelikdäki «Türkmen kaolin» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň kuwwatlylygyny 30 müň tonna ýetirmek üçin Hytaý Halk Respublikasyndan degişli enjamlar we ätiýaçlyk şaýlary satyn alnyp, ýurdumyza tapgyrlaýyn esasda getirilýär hem-de olar ýerinde gurnalýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Garaşsyzlyk ýyllarynda ägirt uly işler amala aşyrylyp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýeti dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesinde yzygiderli ösdürilýär. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi barha ýokarlanýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenen çäreleriň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, geljekde ýurdumyz has ýokary derejelere ýeter.

Bäşim BÄŞIMOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

— Wepadarlygy, owadanlygy, ýyndamlygy, çydamlylygy bilen halkymyzyň göz guwanjyna, milli buýsanjyna öwrülen behişdi bedewlerimiz il-günümiziň uçar ganatydyr we köňül buýsanjydyr.



DÖWÜRLERIŇ WE GÖWÜNLERIŇ BUÝSANJY

Halkymyzyň milli mirasynyň iň naýbaşylarynyň biri — ahalteke bedewleri bu gün Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen türkmen milletiniň ynsan-perwerlige ýugrulan myrady, görkana türkmen Diýarynyň parahatçylyga, dost-doganlyga gönükdirilen mukaddes ýörelgesi bolup dünýä çykýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 4 – 6-njy sentýabrynda Niderlandlar Patyşalygynda hut Milli Liderimiziň başlangyjy bilen ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionaty tutuş yklymlary birleşdirip, dünýäniň bedew muşdaklaryny ajaýyp baýramçylyga jemledi. Oňa dünýäniň çar künjünden ahalteke bedewleriniň 80-den gowragynyň gatnaşdyrylmagy behişdi bedewlerimiziň şan-şöhratynyň dünýä dolýandygyny äşgär etdi.

Niderlandlar Patyşalygynyň Wenraý şäherinde Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly eseriniň niderland dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy dünýä jemgyýetçiligine ahalteke bedewleriniň syrly dünýäsine, türkmen halkynyň bedew atlary bilen aýrylmaz baglanyşykly şöhratly taryhyna aralaşmagyna giň ýol açdy.

Nurana ahalteke bedewleri — türkmeniň uçar ganaty, çüwen bagtydyr. Munuň şeýledigini Gahryman Arkadagymyzyň Niderlandlar Patyşalygynda ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatynyň netijelerinden hem bilmek bolýar. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisindäki taryhy çykyşynda: «Ahalteke aty türkmeniň kalbydyr. Halk, ýurt hökmünde taryhymyzyň, aň-düşünjämiziň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistan Garaşsyzlyga eýe bolmagy bilen, ahalteke atlarynyň arassa tohumlaryny dikeltmek we ösdürmek işinde biz, ozaly bilen, ata-babalarymyzyň köpasyrlyk däplerine, tejribesine daýandyk» diýip juda täsirli belledi.

Milli Liderimiziň: «Ahalteke atlarynda ylmybarlag işleri geçirildi, olaryň saglygyna we ösüşine





gözegçilik etmegiň ulgamy döredildi. Ylmy taýdan esaslandyrylan seçgi işi ýola goýuldy. Munuň özi diňe bir örän möhüm döwlet işi bolman, eýsem, öz taryhymyzyň öňündäki borjumyzdyr. Geljekki ösüşimiz, öňe gitmegimiz we halkara hyzmatdaşlygymyz üçin berk binýadyň bir bölegidir» diýip bellemegi behişdi bedewleriň Bitarap Türkmenistanyň döwlet syýasatyndaky möhüm ornuny bütin aýdyňlygy bilen açyp görkezdi.

Şol mejlisde Ýewropa ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy Marian Weltewreden ahalteke atlarynyň bütin dünýäde şöhratynyň artdyrylmagynda Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlarynyň, ýazan kitaplarynyň ähmiýeti barada çykyş etdi. Ol agzalan assosiasiýanyň eziz Arkadagymyzy «Atçylygy ösdürmäge goşan uly goşandy üçin» atly baýrak we degişli Kubok bilen sylaglamak kararyna gelendigini aýdyp, şol sylaglary Milli Liderimize gowşurdy. Gahryman Arkadagymyz bu abraýly baýraga mynasyp bolmagynyň uly hormatdygyny nygtap, bu ýokary sylagyň, ilkinji nobatda, türkmen halkyna, dünýä meşhur ahalteke atlarynyň mekany bolan Türkmenistana goýulýan hormatyň we minnetdarlygyň nyşany bolup duryandygyny belledi.

Abraýly halkara sylaglaryňyzyň höwri köp bolsun, Gahryman Arkadagymyz!

Hawa, türkmen halky öz beýik taryhyny ýazýar. Taryh bolsa geljegiň mizemez binýady. Arkadagly



Gahryman Serdarymyzyň täze ýazan «Türkmeniň buýsanjy» atly ajaýyp goşgusynda aýdyşy ýaly:

Beýik taryh — beýik geljege binýat,
Bu bir röwşen ykbalydyr türkmeniň.
Geçmişe buýsançdyr, şu güne şöhrat,
Bedew ruhy ahwalydyr türkmeniň.

Alijan MIRZAÝEW,
Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň
ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan
hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň
döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky
gullugyň Lebap welaýat müdirliginiň
Farap etrap bölüminiň döwlet bellige alyjysy.

БЕЛОМРАМОРНЫЙ АШХАБАД:

ГАРМОНИЯ АРХИТЕКТУРЫ, ИННОВАЦИЙ И ВЫСОКОГО КАЧЕСТВА ЖИЗНИ



Ашхабад — беломраморная жемчужина Центральной Азии, динамично развивающийся мегаполис, в облике которого гармонично переплелись глубокие исторические традиции национального зодчества и самые передовые достижения мировой архитектуры и градостроительства. Сегодня главный город страны демонстрирует впечатляющие темпы комплексной модернизации, превращаясь в один из самых комфортных, красивых и высокотехнологичных административно-культурных центров региона.

В основе масштабных градостроительных преобразований столицы лежит глубоко продуманная, научно обоснованная концепция, ориентированная на создание максимально благоприятных условий для жизни, труда и полноценного отдыха граждан. Качественное обновление городской среды осуществляется системно, охватывая все сферы — от возведения монументальных архитектурных ансамблей до прокладки современных инженерно-транспортных коммуникаций.

Особое внимание в процессе развития столицы уделяется социальной сфере. В новых жилых массивах и обновлённых районах синхронно с комфортабельными жилыми домами высокой комфортности вводятся в эксплуатацию ультрасовременные школы, детские сады, медицинские центры, оснащённые новейшим оборудованием, а также спортивные и культурные объекты, доступные для каждого жителя.

Важнейшим вектором градостроительной политики является непрерывное совершенствование транспортно-логистической инфраструктуры. Магистральные улицы и проспекты Ашхабада, расширенные и модернизированные с учётом растущего автопотока, оснащаются интеллектуальными системами управления дорожным движением, удобными многоуровневыми развязками, подземными и надземными переходами, гарантирующими безопасность и удобство для водителей и пешеходов.

Экологическое благополучие беломраморной столицы выступает приоритетным направлением её развития. Ежегодные масштабные озеленительные программы превращают город и его окрестности в цветущий оазис. Многочисленные парки, скверы, фонтанные комплексы и рукотворные лесопарковые зоны не только придают столице неповторимый живописный вид, но и формируют благоприятный микроклимат.

Идя в ногу со временем, Ашхабад активно внедряет концепцию «умного города». Цифровизация государственных и муниципальных услуг, применение ресурсосберегающих технологий в коммунальном хозяйстве, внедрение инновационных решений в сферу связи и энергетики существенно повышают эффективность управления городским хозяйством и качество повседневной жизни ашхабадцев.

Столица Туркменистана закрепила за собой статус крупного международного центра деловой, дипломатической и культурной активности. Архитектурные комплексы министерств, ведомств, бизнес-центров, отелей мирового уровня и международно-выставочных павильонов регулярно становятся площадкой для проведения представительных форумов, саммитов и международных выставок.

Уникальный архитектурный облик Ашхабада, отмеченный многочисленными сертификатами Книги рекордов Гиннесса за высокую концентрацию беломраморных зданий и оригинальные сооружения, воплощает в себе глубокое уважение к национальному наследию. Белоснежный мрамор, изящные национальные орнаменты, элементы классического дизайна и современные светодиодные решения делают ночной и дневной облик столицы настоящим произведением искусства.

Устойчивое и бесперебойное функционирование столицы обеспечивается за счёт непрерывной модернизации коммунальной инфраструктуры и выноса промышленных предприятий за пределы жилых зон. Внедрение передовых технологий очистки воды, электроснабжения и утилизации отходов гарантирует надёжность работы всех жизнеобеспечивающих систем города в соответствии с высочайшими мировыми стандартами.

Динамичное развитие Ашхабада — это ярко выраженное свидетельство мощного экономического потенциала Туркменистана и практической реализации принципа заботы о человеке как о высшей ценности общества. Беломраморный мегаполис уверенно устремлён в будущее, демонстрируя всему миру пример гармоничного созидания, где современные технологии, экологическая гармония и национальные традиции сливаются в единый монументальный ансамбль.

Рустем АМАНКУЛЫЕВ,
слушатель Академии государственной службы при Президенте Туркменистана.

DÖWRÜŇ BEÝIK GUDRATYNA ÖWRÜLEN, BAGTYÝAR DÖWRÜŇ ŞÄHERI



Döwrüň beýik gudraty hökmünde ykrar edilen, berkarar döwletimiziň gazanýan üstünliklerini görkezýän Arkadag şäheri häzirki döwrüň ýaşamak hem işlemek, dynç almak üçin iň amatly, şeýle-de ösen döwrüň kämil şäherleriniň biri bolup, ösen döwrüň ýolgörkeziji çelgisi derejesinde örboýuna galdy.

Okgunly öňegidişlikleriň we bagtyýarlygyň şäheri bolan Arkadag şäheri türkmen halkynyň häzirki we geljekki abadan durmuşynyň bähbidine gönükdirilen innowasion taslamalaryň netijesi hökmünde ýurdumyzyň ösen ykdysady kuwwatyndan, diýseň uly mümkinçiliklerinden habar berýär. Säherleri sergin, howasy tämiz dag eteginde emele gelen bu şäher türkmeniň taryhynda ilkinji «akylly» şäherdir.

Bary-ýogy dört ýylyň dowamynda gurlup ulanmaga berlen bu şäher medeni-durmuş hem beýleki maksatly desgalaryň 336-syny öz içine alyp, dünýäniň iň owadan, ekologik taýdan arassa şäherleriniň biri hökmünde tutuş ynsanyýetiň ünsüni özüne çekýär. Şäherde jemi 26 sany jemgyýetçilik hem edara binasy, ýaşaýyş jaýlarynyň 258-si, 9 sany saglyk hem sport binasy, 19 sany häzirki zaman bilim edarasy, inžener-



çilik desgalarynyň hem 14-si bar. Arkadag şäheriniň baş bezegine öwrülen «Arkadag Binasy», «Akhan» hem-de bu şäherde milli we ruhy jebisligi görkezýän owadan metjit binalary, «Hakyň öýüniň» çäklerinde gurulýan awtoulag duralgalary, dürli maksatly tehniki desgalary, 10 gektar ýeri eýeleýän seýilgäh zolagy, suw çüwdürimler toplumy we beýlekileri bu ýere gelen her bir ynsanyň guwanjyny goşalandyrýar. Bular, elbetde, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň özboluşly ösýändigine, ykdysady kuwwatynyň artýandygyna, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň barha we barha gowulanýandygyna şaýatlyk edýär.

Häzirki zaman şähergurluşygynyň täzeçil nusgalarynyň biri hökmünde binýat bolýan «akylly» şäherde onuň ruhy keşbini şöhlelendirýän «Arkadagyň ruhy metjidiniň» peýda bolmagy diýseň buýsandyryjy hem taryhy taýdan örän uly gymmaty bolan wakadyr. 30 müň adama niýetlenilýän metjit halkyň ruhy dünýäsiniň, ahlak düşünjeleriniň, ýagşy niýetleriniň we nesilden-nesle geçýän milli däpleriniň nyşany hökmünde-de özboluşly ähmiýete eýedir.

Bilşimiz ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myrdayň mekany» ýylynda geçirilen din wekilleriniň maslahatynda Arkadag şäherinde gurulýan täze metjide «Arkadagyň ruhy metjidi» diýen ady dakmak baradaky teklip öňe sürlüp, biragyzdan goldanylypdy. Ýakynda bolsa Gahryman Arkadagymyzyň täze şähere amala aşyran iş saparynyň dowamynda «Arkadagyň ruhy metjidi» diýip atlandyrmak baradaky çözgüdiň ýurdumyzyň Adalat ministrligi tarapyndan hasaba alnyp, degişli güwänamanyň gowşurylandygy hakyndaky hoş habaryň ýetirilmegi halkymyzyň ruhy isleglerineň, Milli Liderimize çäksiz hoşallygynyň, ýagşy niýetleriniň mynasyp beýanyna öwrüldi. Ýeri gelende bellesek, täze metjidiň ýanynda gurulýan medresä ýokary okuw mekdebiniň derejesini bermek baradaky teklip öňe sürüldi.

Bu şäherde ilkinji gezek ulanyşa girizilen «123» belgili ulgam adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda telefon arkaly ýüztutmalary kabul edip, degişli dessin gulluklara — gaz howpsuzlygy, «Tiz kömek» we beýleki gulluklara habar berýär. Şäherde bagy-bossanlyk syýasaty amala aşyrylyp, bu ýerde ýola goýlan elektromobil taksiler, elektrobuslar ekologik taýdan arassa sazlaşygy üpjün edýär. Şonuň ýaly-da hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda 2021-nji ýylyň 29-njy martyndan bäri «Howandarly-

ga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy» hereket edýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, bu gazna Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady dakyldy. Onuň döredilen ilkinji gününde hemmelerden öň Milli Liderimiziň serişde goýandygy hemmeler üçin iň bir guwandyryjy wakalaryň biridir.

Häzirki zaman ylmynyň, döredijiligiň, gözelligiň, sahawatlylygyň, ruhubelentligiň, möhüm, diýseň ähmiýetli mümkinçiliklerini, okgunly ösüşlerini öz içine alýan bu häzirki zaman şäheriniň mysalynda bütin ýurdy ösdürmäge, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, eziz Diýarymyzyň raýatlarynyň durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga uly üns berilýändigini görmek bolýar. «Arkadag» şäheri barada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň gazanýan üstünlikleriniň aýdyň mysalydyr. Täze şäher häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriniň biri boldy» diýip, munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklady.

Döwlet derejesinde «Bagtyýar ýaşaýşyň şäheri», «Akylly» durmuşyň infrastrukturasy», «Arkadag şäheri — halkara hyzmatdaşlygyň ilerleýän mekany», «Akylly» şäheriň innowasion mümkinçilikleriniň nusgasy», «Bagtyň waspy» diýlip atlandyrylýan «akylly» şäher giň mümkinçilikleriň şäheri hökmünde bu ýerde geçirilýän möhüm ähmiýetli wakalara hem baýdyr. Ol altyn-kümüşden ýasalan kökenli ýüzük ýaly, hemmeleriň ünsüni özüne çekýär. Okgunly ösüşleriň, bagtyýar durmuşyň badalgasy hökmünde ynsanperwerligiň nusgasy bolup örboýuna galan bu şäher häzirki wagtda halkara hyzmatdaşlygynyň mekanyna öwrülen ullakan bir köşgi-eýwany ýada salýar.

Türkmen halkynyň göz guwanjyna, milli buýsanjyna öwrülen bu şäheriň ýaşaýjylarynyň, esasan, ýaşlardygyny, heniz onuň ikinji tapgyrynyň gurluşygynyň hem dowam etdirilýändigini hasaba alsak, onda onuň gözelliginiň mundan beýläk hem artjakdygyna bolan ynam aňymyzda goşalanýar. Diýmek, gözelligiň älemgoşar öwüşginini özünde jemläp, bagtyýar durmuşyň münberine, ýaşaýyş durmuşynyň joşgunly ummanyna öwrülen bu şäherde jennetiň howasyna «Gaýra dur!» diýdirýän ahwalat höküm sürýär. Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň akyl-paýhasynyň önümi bolan bu şäher «Döwrüň beýik gudraty» diýen ada mynasyp bolmak bilen, onuň ýaşaýjylarynyň ýüztutmalary, haýyşlary göz öňünde tutulyp, geljekde şäherde Çeperçilik haly kärhanasy, Oba hojalyk uniwersitetiniň we ylmy-barlag institutlarynyň täze binalar toplumy gurlup, kämil derejeli hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi, ylmy-barlag institutlary bolan döwrebap oba hojalyk şäherçesi döredildi.

Arkadag şäheriniň heniz birinji tapgyrynyň açylyş dabarasynda şähere abraýly halkara guramalary we dünýä belli daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan güwamanamalaryň hem diplomlaryň 21-si gowşuryldy. Olaryň arasynda ÝHG-niň Arkadag şäheriniň ýaşaýyşyň hil düzümini ýokarlandyrmaga gönükdirilen gurluşygy hem-de aňrybaş tehnologiýalary, amallar we çeşmeler arkaly häzirki zaman şäher ösüşi üçin Minnetdarlyk şahadatnamasy, «Türki dünýäniň ilkinji «akylly» şäheri» atly şahadatnama, «Türki medeniýetiň halkara guramasynyň «XXI asyryň şäheri» atly ýörite şahadatnamasy, «Paýtagtlaryň we iri şäherleriň halkara assambleýasynyň» şäher gurluşugunda «akylly» şäher maksatnamasynyň toplumlaýyn durmuşa geçirilendigi üçin diplomy: Birleşen Milletler Guramasynyň Senagat ösüşi boýunça guramasynyň 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüşiň gün tertibiniň inklýuziw we durnukly senagat ösüşine (ISID) gönükdirilen dördünji senagat öwrülişiginiň (4IR) sanly tilsimatlary ulanmak arkaly «akylly» şäheri gurmak babatda şahsy goşandy üçin Minnetdarlyk güwänamasy, Ählumumy «ýaşyl» ösüş institutynyň Arkadag şäherine «Ýaşyl» we «akylly» şäher şahadatnamasy kimin abraýly halkara derejeli sylaglary bar.

Elbetde, hormatly Prezidenimiz Serdar Berdimuhamedowyň adalatly belleýşi ýaly, okgunly ösüşleriň, döwrüň bagtyýarlygynyň simwolyna öwrülen, enteklerem giň gerimli gurluşyklary dowam etdirilýän «akylly» şäher bolan «Arkadag şäheri döwrebap desgalary bilen taryhymyzyň altyn sahypalaryna ýazylar».

Sülgün ESENMYRADOWA,
Aşgabat şäheriniň 145-nji orta mekdebiniň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary.

YNSANPERWER SYÝASATYŇ HALKARA YKRARNAMASY

Şu ýylyň 24-nji iýuly bedew batly, at-myratly Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň taryhyna eziz Diýarymyzyň halkara hyzmatdaşlykdaky ornuny has-da berkitmäge gönükdirilen möhüm syýasy waka bilen ýazyldy. Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 106-njy plenar mejlisinde 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» diýip yglan edýän Kararnama kabul edilip, 78 döwlet ony awtordaş hökmünde goldady. Şunlukda täze Kararnamanyň düzgünlerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek, şeýle hem Türkmenistanyň bu ugurdaky halkara başlangyjynyň mazmunyny giňden açyp görkezmek üçin giň gerimli işler badalga alar.

Türkmen halkynyň milli buýsanjy hasaplanylýan behişdi bedewlerimiziň toýly günlerimiziň buşlukçysy bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hem hoş habarlaryň buşlanýan ajaýyp ýyly boldy. BMG-niň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-kwartirasyndan gelip gowşan hoş habar halkymyzda çuňňur şatlyk hem buýsanç duýgularyny döretdi. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy esasynda hödürlenen «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň parahatçylyga, adalatlylyga, birek-birege ynanyşmak ýörelgelerine daýanýan diplomatiýasynyň nobatdaky üstünligidir.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň öňdengörüjilikli hoşniýetli syýasaty netijesinde diňe bir dünýäniň döwletleri bilen däl, iri halkara guramalary bilen hem köpugurly we giň möçberli hyzmatdaşlyklaryň gerimi barha giňeýär. Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri esasynda alyp barýan daşary syýasatynyň geljekde hem halkara gatnaşyklaryny işjeň ösdürmäge taýýardygynyň anyk subutnamasydygyny, şol gatnaşyklaryň sebitde we dünýäde abadançylygyň hem rowaçlygyň gazanylmagyna we üpjün edilmegine gönükdirilen ählumumy tagallalaryň aýdyň maksatlaryna doly laýyk gelýädigini bellemek guwandyryjydyr.

Ýurdumyzyň 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» diýip yglan etmek baradaky başlangyjynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy bilen berkidilmegi parahatçylygy ýörelge edinýän, dostlugy dabaralandyrýan, hyzmatdaşlygy rowaçlandyrýan eziz Diýarymyzyň dünýäde at-abraýynyň, şan-şöhratynyň belende galýandygyny ýene bir gezek aýdyň görkezdi. Ol türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň halklaryň bähbidine gönükdirilen asylly hem beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwer daşary syýasatynyň dünýäde dabaralanýandygyny hem subut edýär.

Goý, dünýäde BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet bolan ata Watanymyzyň abraý-mertebesi has-da belent bolup, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, tutuş adamzadyň bagtyýar, asuda durmuşyny üpjün etmek, ýurtlaryň durnukly ösüşini gazanmak ugrunda durmuşa geçirýän tutumly işleri rowaçlyklara beslensin! Bu işleriň sakasynda duran, berkarar Watanymyzy parahatçylygyň, ösüşleriň mekanyna öwren Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

Döwletmyrat MUHAMMEDOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.

Новый триумф миролюбивой дипломатии Туркменистана

Недавно из штаб-квартиры Организации Объединенных Наций в Нью-Йорке поступило известие, ставшее очередным ярким свидетельством высокого международного авторитета нашей Отчизны. На 106-м пленарном заседании 80-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН была единогласно принята резолюция «Год международного права, 2028год», инициированная Туркменистаном. Это событие подтвердило глубокое признание мировым сообществом созидательного внешнеполитического курса нашей страны.



Принятие специального документа, провозглашающего 2028 год годом международного права, выступает логическим продолжением системной работы по практическому воплощению в жизнь внешнеполитической стратегии Туркменистана. В ее основе неизменно лежат принципы позитивного нейтралитета, миролюбия и неукоснительного соблюдения норм международно-правового регулирования.

Широкая поддержка инициативы выразилась в том, что соавторами документа выступили десятки государств-членов ООН. Представители различных континентов и географических регионов единодушно поддержали предложения нашей страны, подкрепив тем самым их высокую актуальность в современной системе международных отношений.

Своевременность очередного шага туркменской дипломатии особенно очевидна на фоне непростой динамики мировой политики. В условиях поиска ответов на глобальные вызовы Туркменистан выступает с предложениями, направленными на утверждение верховенства права и укрепление фундаментальных основ Устава ООН.

Главная цель принятой резолюции — привлечь внимание мирового сообщества к ключевой роли международного права как единственного надежного инструмента обеспечения глобального мира, стабильности и безопасности. Документ формирует концептуальную платформу для восстановления доверия в международных делах через неукоснительное соблюдение правовых норм.

Особый акцент в резолюции сделан на стимулировании многостороннего правового диалога и популяризации знаний о международном праве среди государств. Инициатива призвана дать

мощный импульс совершенствованию института превентивной дипломатии, основанной на принципах взаимного уважения и учета интересов всех сторон.

Провозглашение 2028 года годом международного права тесно увязано с процессами достижения Целей устойчивого развития ООН до 2030 года. Эффективное правовое регулирование служит безусловным гарантом справедливого социально-экономического роста и защиты прав человека.

В основе этого дипломатического успеха лежит философия мира и доверия, сформулированная Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым. Эта миротворческая доктрина неизменно рассматривает международное право в качестве фундамента справедливого мироустройства.

Последовательное и целеустремленное продвижение созидательных инициатив на международной арене осуществляет Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов. Благодаря энергичным шагам главы государства идеи Туркменистана обретают практическое наполнение и воплощаются в масштабных решениях ГА ООН.

Принятая резолюция стала очередным важнейшим этапом в поступательном развитии стратегического партнерства между Туркменистаном и Организацией Объединенных Наций. Наша страна в очередной раз подтвердила статус одного из самых надежных и принципиальных партнеров ООН.

Событие в штаб-квартире ООН вызвало широкий положительный резонанс в дипломатических и юридических кругах по всему миру. Видные международные эксперты отмечают, что Туркменистан вновь продемонстрировал уникальную способность формировать объединительную повестку дня на правовой основе.

Принятие документа укрепляет позиции Отчизны как признанного центра правотворческих и миротворческих инициатив. Голос независимого нейтрального Туркменистана звучит весомо, демонстрируя приверженность принципам верховенства международного права и Устава ООН .

Впереди предстоит большой этап подготовки к проведению Года международного права в 2028 году. Туркменская сторона готова вместе с партнерами разработать комплексную программу мероприятий на национальном и глобальном уровнях.

Практическая реализация положений резолюции предусматривает проведение серии международных форумов, научно-практических конференций и экспертных встреч high-level формата. Туркменистан планирует выступать модератором ключевых дискуссионных площадок, на которых представители государств-членов ООН, авторитетные правоведы и представители международных организаций смогут выработать новые подходы к укреплению архитектуры глобальной безопасности и института превентивной дипломатии.

Высокая оценка, данная мировым сообществом дипломатическим шагам Туркменистана, в очередной раз доказывает: в эпоху глобальных трансформаций именно верховенство права и взаимоуважение остаются незыблемым ориентиром для построения гармоничного миропорядка. Страна уверенно идет вперед, подкрепляя свой нейтральный статус конкретными делами на благо всего человечества.

Новый триумф туркменской дипломатии в Нью-Йорке наполняет сердца граждан нашей страны чувством глубокой гордости за родное государство. В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства каждый такой успех наглядно демонстрирует высочайший авторитет нашей Отчизны.

Туркменистан сегодня воспринимается мировым сообществом как нерушимый оплот законности и стабильности. Созидательные шаги нашей страны способствуют укреплению правовых основ регионального и глобального взаимодействия.

Единогласное принятие резолюции «Год международного права, 2028 год» стало убедительным подтверждением мудрости и незыблемости курса нашего государства. Туркменистан и впредь будет неуклонно следовать идеалам права, мира и справедливости.

Абдырахым АЛТЫЕВ,
Государственнное информационное агентство Туркменистана, редактор.



TÄZE DÖWREBAP ÖNÜMÇILIK ÝOLA GOÝULDY



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwründe, Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda, ýurdumyzyň ykdysadyýetini köpugurly esasda ösdürmek, senagat pudagynyň düzümini pugtalandyrmak hem-de daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ýola goýmak babatda giň gerimli işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti, elektron senagatyny ösdürmek boýunça ýaýbaňlandyrylan özgertmelere Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň bilelikdäki «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti mynasyp goşant goşýar.

Bilelikdäki «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlary öndürýän kärhanalary döretmegiň döwlet maksatnamasy» esasynda bu ministrliginň «Nebitmaş» döwlet kärhanasynyň gatnaşmagynda döredildi. Häzirki wagtda hojalyk jemgyýeti tarapyndan dürli ölçegli Led lampalarynyň, birnäçe görnüşli ýolyşyklaryň we ýol belgileriniň, dürli ölçegli telewizorlaryň, monoblokларyň, planşetleriň, noutbuk kompýuterleriň, split sowadyjylaryň, suw paýlaýjy ulgamynyň, routerleriň, smartfonlaryň, ykjam telefonlaryň, bankomatlar

üçin niýetlenen termokagyzlaryň, dürli maksatlara niýetlenen plastik kartlaryň önümçiligi netijeli alnyp barylýar. Şeýle hem öndürilýän önümleriň görnüşlerini artdyrmak boýunça çäreler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigine galwanizirleme ugry boýunça täze önümçilgiň ýola goýulmagy hem şaýatlyk edýär.

Germaniýanyň «Siemens» we Fransiýanyň «Schneider» kompaniýalarynyň awtomatiki dolandyryş ulgamlary bilen enjamlaşdyrylan önümçilik toplumy, häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýär. Onda çig malyň tygşytly we ekologiki taýdan zyýansyz ulanylmagy üpjün edilýär. Bu önümhana sebitde özüniň sinkleýji gazanynyň ululygy boýunça uly taslamalaryň biri hasaplanylýar. 13*1.6*2.5m göwrüme eýe bolan sink gazany bir wagtda 350 tonnadan gowrak gyzgyn sink erginini eredip, 24 sagadyň dowamynda durnukly gyzgyn galwanizirlemek önümçiligini alyp barmaga mümkinçilik berýär. Önümhananyň kuwwatlylygy ýylda 60 000 tonna barabar gara metaly gyzgyn sinklemäge ukyplydyr.

Bulardan başga-da önümçiligiň dowamynda emele gelýän zyýanly himiki zyňyndylaryň (≤5mg/Nm3) we zyýanly tozanlaryň (≤10mg/Nm3) Ýewropa Bileleşiginiň degişli ülňüleri bilen deňeşdirilende, 2-3 esse arassadygy kesgitlenildi we önümhana bu ugurda degişli şahadatnamalar gowşuryldy. Önümçilik prosesiniň hil gözegçiliginiň we tehniki howpsuzlyk talaplarynyň ýagdaýyna hem-de beýleki ähli görkezijilerine awtomatlaşdyrylan ulgamlar arkaly 24 sagadyň dowamynda akylly sensorlaryň üsti bilen onlaýn gözegçilik edilýär. Şu ýerde ulgamlarda talaba laýyk işläp bilmegi üçin degişli işgärler bilen hünär taýýarlygy boýunça okuwlaryň geçirilendigini hem bellemek gerek.

Galwaniki sehde häzirki zaman gyzgyn sinklemek tehnologiýasy bilen işlenilmegi önümleriň ýurdumyzyň senagat, şäher we oba infrastrukturalarynda, energetika ulgamynda, Hazarýaka sebitleriniň çygly howa şertlerinde we oba hojalyk toplumynyň dürli ugurlarynda ulanylýan gara metallaryň adaty ýagdaýlarda 3-5 ýyla barabar bolan ömrüni 30-50 ýyla çenli uzaldýar.

Atamyrat TOÝLYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň Önümçilik-tehniki bölüminiň baş hünärmeni.





HAZAR — DOSTLUGYŇ, ABADANÇYLYGYŇ WE HYZMATDAŞLYGYŇ DEŇZI



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan parahatçylygyň, dost-doganlygyň hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň belent ýörelgelerini dünýä ýaýýan döwlet hökmünde uly abraýa eýe bolýar. Bu belent ýörelgeleriň aýdyň beýany bolan Hazar deňzi häzirki döwürde diňe bir tebigatyň ajaýyp peşgeşi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, halklary we döwletleri ysnyşdyrýan dostluk köprüsine öwrülýär.

Mälim bolşy ýaly, 2003-nji ýylda Hazaryaka döwletleri Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýa gol çekdiler. Tähran Konwensiýasynyň maksady Hazaryň deňiz gurşawyny hapalanmakdan goramakdan ybaratdyr. Ol Hazar deňziniň biologiýa serişdelerini gorap saklamagy, gaýtadan dikeltmegi hem-de durnukly we rejeli peýdalanmagy öz içine alýar. Tähran Konwensiýasy 2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda güýje girdi. Şonuň esasynda her ýylyň 12-nji awgustynda Hazaryaka döwletlerinde, şol sanda Türkmenistanda hem Hazar deňziniň güni giňden bellenilýär.

Hazar — gadymy taryhyň, şu günki ösüşleriň şaýady, ertirki beýik galkynyşlaryň çelgisi. Onuň gök öwüsýän giňişligi parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hoşniýetli gatnaşyklaryň nyşany bolup, kenarlarynda ýaşaýan halklaryň dostluk gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrýar. Şonuň üçin hem biz oňa «Hazar deňzi — dostluk deňzi» diýýäris. Ýurdumyzyň başlangyçlary bilen Hazaryň ekologiýa abadançylygyny goramak, deňiz serişdelerini rejeli peýdalanmak we ulag üstaşyr mümkinçiliklerini ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işler halkara jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha mynasyp bolýar. Bitarap Watanymyz Hazaryň parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş giňişligi bolmagy ugrunda yzygiderli tagalla edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Hazar dostlugyň we hyzmatdaşlygyň deňzidir» diýip nygtaýşy ýaly, häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda bu babatda guwandyryjy işler durmuşa geçirilýär.

Soňky ýyllarda Watanymyzyň günbatar sebitinde, aýratyn-da Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda amala aşyrylýan iri taslamalar ýurdumyzyň üstaşyr ulag geçirijilik kuwwatyny has-da artdyrdy. Döwrebap, kuwwatly port toplumynyň, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň, täze

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

— Türkmenistan oňyn Bitaraplyk syýasatyna esaslanyp, Hazar deňziniň parahatçylygyň, ynanyşmagyň we dostlugyň deňzi bolmagy ugrunda tagallalaryny dowam etdirýär.



gämileriň hem-de logistika merkezleriniň netijeli işi Hazar sebitinde söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň gerimini giňeldýär. Bu bolsa berkarar döwletimiziň halkara üstaşyr ulag geçelgelerindäki ornuny has-da pugtalandyrýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Hazar deňzi özüniň gaýtalanmajak tebigy aýratynlyklary, baý biologik köpdürlüligi, ykdysady, geosyýasy ähmiýeti bilen bahasyna ýetip bolmajak baýlykdyr» diýip jaýdar belleýär. Hazar deňzi dünýä ähmiýetli özboluşly ekoulgama eýe bolan täsin suw giňişligidir. Onuň ösümlik we haýwanat dünýäsi, şol sanda diňe Hazar sebitine mahsus bolan köp sanly janly-jandarlar bahasyna ýetip bolmajak tebigy gymmatlyklardyr. Şoňa görä-de Garaşsyz döwletimizde Hazaryň ekologiýa abadançylygyny goramak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Merkezi Aziýanyň «Deňiz derwezesi» hökmünde halkara derejesinde giňden mälim bolan Hazar deňziniň türkmen kenary ajaýyp tebigy täsinlikler bilen gurşalyp, daşky gurşawyň düzüminiň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Deňziň sebitlerini gurşap alýan «Hazar» döwlet tebigy goraghanasynda alnyp barylýan işler döwlet derejesine göterilip, kenarýakanyň ekologiýa ýagdaýynyň öňküden hem gowulandyrylmagyna getirýär.

Häzirki döwürde deňziň türkmen kenary görlüp-eşidilmedik derejede özgerdi. Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasyndan bina bolan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda raýatlaryň döwrebap dynç almaklary, saglyklaryny berkitmekleri üçin döredilen giň mümkinçilikler täze röwüşe beslenýär. Bu gün «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy halkara forumlaryň, maslahatlaryň, gepleşikleriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän halkara derejesindäki myhmanhanalar toplumy syýahatçylaryň, jahankeşdeleriň, myhmanlaryň iň gelim-gidimli mekanyna öwrüldi.

Goý, Hazar deňzi hemişe parahatçylygyň, abadançylygyň, dostlugyň hem-de halklaryň özara ynanyşmagynyň nyşany bolsun!

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolup, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

Kakaly KAKALYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Büzmeýin etrabyndaky «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň Şertnama bölüminiň başlygy.



«BILIMLI» NOUTBUKLAR — KÖRPELERE AJAÝYP SOWGAT

Ýurdumyzda her ýylyň sentýabr aýynda ak mekdebe ilkinji gezek gadam goýup, birinji synpa okuwa barýan bagtyýar körpelere hormatly Prezidentimiziň adyndan noutbuk kompýuterleriň sowgat berilmegi indi ajaýyp däbe öwrüldi. Munuň özi ýaş nesilleriň döwletimiz tarapyndan hemmetaraplaýyn üns-alada bilen gurşalandygynyň hem aýdyň mysallarynyň biridir. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýy giňden baýram edilýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýen buýsançly şygar astynda geçýän taryhy ýylda-da bu ugurda öňde goýlan wezipeler üstünlikli berjaý edilýär.

Indi ençeme ýyllardan bäri döwletimizde umumybilim berýän orta mekdepleriň birinji synpyna okuwa barýan bagtyýar körpelere öz ýurdumyzda öndürilýän noutbuk kompýuterleri sowgat berilýär. Bu asylly iş Gahryman Arkadagymyz tarapyndan ýola goýlup, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär.

Bilşimiz ýaly, döwlet Baştutanymyzyň şu ýylyň 1-nji maýynda gol çeken Kararyna laýyklykda, ýaş nesilleriň döwrebap bilim-terbiýe almagy we innowasion tehnologiýalardan baş çykaryan, giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmegi üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Bilim ministrligine Türkmenistanda öndürilen degişli mukdardaky noutbuk kompýuterlerini

satyn almak, 2026-njy ýylyň 1-nji awgustyna çenli bilim edaralarynda gurnamak hem-de olara tehniki hyzmat etmek barada «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhanasy we «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti bilen şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berlipdi. Şondan soňra bu ugurdaky işlere girişilip, ady agzalan kärhanalaryň işçi-hünärmenleriniň tutanýerli zähmeti netijesinde «Bilimli» atly noutbuk kompýuterleri ýeterlik mukdarda hem öz wagtynda taýýarlanylyp, Aşgabat, Arkadag şäherlerindäki we welaýatlardaky degişli bilim edaralaryna paýlanyldy hem-de birinji synpa okuwa barýan çagalara hormatly Prezidentimiziň adyndan dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Noutbuk kompýuterleri Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň bilelikdäki «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti we Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Kompýuter tilsimaty merkeziniň «Agzybirlik tilsimaty» bilelikdäki kärhanasy tarapyndan taýýarlanyldy.

Ähli zerur programmalar bilen üpjün edilen we sanly bilim gurşawyna laýyklykda taýýarlanan noutbuklar ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, döwrebap bilim we döwletiň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan şahsyýetler bolup ýetişmegine ýardam eder. Kompýuterler çagalaryň saglygy üçin howpsuz bolup, onuň meýilnamasyna türkmen, rus, iňlis dilleri, dürli söz düzümleri, saz amallary, öwrediji oýunlar, hasap maşklary, mekdep döwrüniň başky üç ýylynda özleşdirilýän esasy dersler, okuw gollanmalary girizilendir. Bu kompýuterleriň operasion ulgamy «Android 15», operatiw ýady 6 gigabaýt, çeýe diski 128 gigabaýt bolup, olar täze, köpugurly sensor paneli, goşmaça multifunksional LED paneli, ýörite gözi goramak üçin pes ýagtylyk derejesi bolan ekran we yşyklandyryjy nyşan, USB kabelli «syçanjyk» we zarýad beriji adapter bilen üpjün edilendir. Noutbuklarda göz öňünde tutulan programma üpjünçiligi, ulanyljak sanly serişdeler, elektron maglumat göterijiler, wideoşekiller we audioýazgylar, elektron sözlüklerdir kitaplar okuwçylaryň has giň möçberdäki maglumatlary kabul etmegine ýardam berer. Okuw maksatly goşundylardan başga-da iş ulgamy dürli aň ösdüriji goşundylary oturtmaga hem mümkinçilik berýär. Umuman, bu noutbuklar ýönekeý kompýuter bolman, eýsem ýörite pedagogik we usulyýet talaplaryna laýyklykda taýýarlanylan okuw guralydyr.

Ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly toýuny uly üstünliklere besläp belleýän «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda uly ruhubelentlik bilen baýram edilen Bilimler we talyp ýaşlar güni talyp ýaşlarymyza, bagtyýar çagalarymyza, olaryň ene-atalaryna iň bir ýatda galyjy pursatlary bagyş etdi. Aýratyn-da bilim ojagyna ilkinji gezek barýan körpeler üçin ol gün has üýtgeşik boldy, olaryň şatlygyny, buýsanjyny hasda artdyrdy. Bu baýramçylyk gününde hormatly Prezidentimiziň adyndan öwrediji kompýuterleri sowgat alan körpe nesilleriň geljekde orta mekdepleri üstünlikli tamamlap, ýokary bilim alyp, ylmyň çuňluklaryna aralaşyp, innowasion açyşlary, täze teklipleri, iri taslamalary bilen eziz Diýarymyzyň bedew batly özgerişlerine mynasyp goşantlaryny goşjakdyklaryna ynanýarys.

Allaberdi BAGŞYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Senagat müdirliginiň başlygy.



«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine

GARAŞSYZLYK MUKAMY

Biz — bagtyýar, sözüm hak,
Dünýä barýan. Ýollam ak,
Döwletment Garaşsyzlyk —
Arzuwlarmyň wysaly.

Emri-ýürek, oturt, ek,
Daglara seýrana çyk,
Garaşsyz özbaşdaklyk,
Ýürekleriň owazy.

Görogly gelýär atly,
Gyratly hem haýbatly,
Sagu-soly ot-çöpli —
Bu durmuşyň kenary.

Sered-ä, guw, gaz uçýar,
Mukam çalýar agaçlar,
Käte sen taýy göçýär —
Bu kalbymyň karary.

Ýygýaryn bagyň naryn,
Diýýän: «Habar al, ýarym!»,
Bat alýan, ýöreýärin,
Ezizim, saňa sary.

Per berýän köplenç aňa,
Açýaryn syrym saňa,
Çagyrandyryn toýuma,
Dogan-gardaş, dost-ýary.

Gülüp bakdy gaşy-ýaý,
Diýseň, ajap bagtdan paý,
Indem bir arzym diňläý,
Eý, kalbymyň hossary!

Hoz bu dagda urmuş kök,
Jülgeler alma-narlyk,
Ýerler jenneti. Barlyk,
Şygryýetiň dükany.

Sözlem sena. Saçýar dür,
Çöllemde gezmiş Hydyr,
Bar ýerde ýaňlanyp dur,
Garaşsyzlyk mukamy.

ARKADAG — HOSSAR

Bu türkmene şan-şöhrat ýar,
Eýläm Köýten, beýläm Hazar,
Gör-ä, ýyndam, ozup barýar,
Wagt atly hökmirowan.

Barlyk şygryýetdir, gel, ýaz,
Hem çar ýanym aýdym-saz,
Rähmiň gelsin, roýuň görkez,
Jemalyňa etmäwer zar.

Durmuş. Utulmak aýyp,
Göwünler tutýar seýik,
Daglar dana hem beýik,
Bardyr serinde ak gar.

Kerwen. Maksatlar hasyl,
Hem eşdilýär jaň sesi,
Durmuşdyr küşt tagtasy —
Utmakda çuň many bar.

Gör, adalat ýol aldy,
Bagt ýolun berýäs salgy,
Haly — türkmeniň kalby,
Durmuşym dünýä ýaýýar.

Gülledi güller-terler,
Gyzlar haly keserler,
Döredýäris eserler,
Çünki Arakadag Hossar.

Abdylhalyk JUMADOW,
«Türkmenistanyň senagaty»
žurnalynyň baş hünärmeni.

WATANA

Sende ganatlanýar göterlen ykbal,
Biz seniň ýaşaýjyň, bagtdyr bize ýar,
Eý, şäherim, döwlet kitaphanaň bar —
Külli ynsanýetiň ruhy baýlygy.

Sanly ulgamyň bar, ýaran «altyn tor»,
Seni öwrenmezlik, bize aýyp bor,
Süýt ýaly owadan, ak mermer şäher,
Parlaýar belentden Türkmeniň Tugy!

Seret, açylyp dur «Ömrümiň güli»,
Senden dünýä uzar dowamat ýoly,
Sende bar şahyryň beýik heýkeli —
Diýmek, bize pata berýär Pyragy.

Çeşme-bulak dagyň serinden çogýar,
Ol barha batlanýar, böwetden agýar,
Watanym — baýlygym, ýagşylyga ýar,
Hemem gözlerimiň garasy-agy.

Şahyr bolmak, dünýäm, diýseň gowy kär,
Şahyrlaram mähir-muhabbete zar,
Özi welin, ile mähir paýlaýar —
Bolup söz ussady, perweriş bagy.

Şahyrlyk aslynda owadan ykbal,
Onuň barlygynda bar gözel ahwal,
Ile bagyş edýäni kyssa-şygyr däl —
Ýüregniň ýagy.

Bag emele geldi, daragtlar bar gür,
Dünýä bar gözellik, älem giden syr,
Şahyr—söz ussady, bagy-bossandyr —
Soly hem sagy.

Bagşy dessan aýdýar:
«Elkyssaýy mugteser»,
Seniň barlygyňda mydam belent ser,
Senli dünýä gözel, giden bir eser,
Gyz ýüregmiň hossary.

Abat ATAKAÝEWA,
Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň elektron enjamlarynyň operatory.

BEDEWIM

Göýä syrça çalnan, ýalpyldar gerşi,
Gözellikde diýseň owadan keşbi.
Bady-saba deýin beýik özgerşi,
Wah özüne ýaran eden, bedewim!

Ýel bilen bäsleşip uçýar aýlawda,
Bezegdir mydama toýdur baýramda,
Ýeňişe beslenýän täze eýýamda,
Halkymyň buýsanjy bolan, bedewim!



«Bedew batly, belent maksatly Watan» atly döredijilik bäsleşigine

Sen diňe bir at däl, ynsana syrdaş,
Kyn gününde oňa wepaly ýoldaş,
«Saňa at diýmerin, diýerin gardaş»,
Göroglyň daýanjy bolan, bedewim!

Döwlet tugramyzda şekiliň bardyr,
Dünýäň çempiony ol Ýanardagdyr,
Arkadagly iller bagta rowandyr,
Türkmen göz guwanjy bolan, bedewim!

Taryh gatlaryna adyň ýazyldy,
Şanyňa şygyrdyr dessan düzüldi,
Watanymyň ady has-da beýgeldi,
Seniň badyň bilen ösüp, bedewim!

Kerim BALGULYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň hünärmeni.

ARKADAGLY SERDARYMYZ SAG BOLSUN!

Il – günümiň bir agyzdan saýlany,
Kalbymyza ylham-joşgun paýlany,
Hak nazaryn salyp halkyň halany,
Arkadagly Serdarymyz sag bolsun!

Parahatlyk bolsun dünýäniň ýüzi,
Diýip urýar Baştutanmyň ýüregi,
Kalbymyzda ornan her dana sözi,
Parasatly Serdarymyz sag bolsun!

Eziz ýurdum parahatlyk mekany,
Syýasaty adyllygyň nyşany,
Dostlaşdyrýan ýurtlary hem dünýäni,
Adalatly Serdarymyz sag bolsun!

Her günde geçilýär ýyllarça menzil,
Täzeleniş ýoluň kämildir kemsiz,
Ösüş taglymaty kuwwaty çensiz,
Arkadagly Serdarymyz sag bolsun!

Täzeden bat berýär sanly bilime,
Ak ýollary açýar milli ylyma,
Şan getiren bedew batly ýylym,
Aryf-Alym Serdarymyz sag bolsun!

Dünýä haýran çölde guran kölüňe,
Sahawatlar berýäň sagu-soluňa,
Täzeden dikeldýän Ýüpek ýoluňa,
Halal ýolly Serdarymyz sag bolsun!

Peder adalatyn dünýä göz edýän,
Ynanyşmak syýasatyn ýöredýän,
Şanly geljegmize umyt döredýän,
Arkadagly Serdarymyz sag bolsun!

Amangeldi ORAZOW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy,
Türkmenistanyň hormatly il ýaşulysy.



ARKADAGLY SERDAR BILEN

Belent maksat, beýik işler, rowan bolup bagta sary,
Bagtyýar il öňe barýar Arkadagly Serdar bilen.
Hasyl bolup ak arzuwlar, maksadymyz bedew batly,
Watanymyz gülläp ösýär Arkadagly Serdar bilen!

Garaşsyzlyk, Bitaraplyk bu türkmeniň goşa bagty,
Ebedidir, mukaddesdir bu türkmeniň synmaz tagty,
Arkadagly iliň barýan bedew batly ýoly ýagty,
Owazamyz dünýä dolýar Arkadagly Serdar bilen!

Arkadagly Serdarymyz her bir işde göreldämiz,
Aýdanlary biz-ýaşlara ýol görkezýän ýörelgämiz,
Bilim alyp, zähmet çekip, ödäris biz ynamyňyz!
Ýaş nesiller öňe barýar Arkadagly Serdar bilen!

Geljegmize, bagta sary rowan bu gün ak ýolumyz,
Ýurt parahat, dost-doganlyk ata-baba däplerimiz,
Öňe, öňe, batly barýar Arkadagly ulusymyz,
Üstünligmiz ebedidir Arkadagly Serdar bilen!

Diýarymyz has-da ösýär, ösüşlermiz-guwanjymyz,
Şanly düýnüm, bagtyýardyr şu günümiz, geljegimiz,
Gamyş gulak dal bedewler, Alabaýlar buýsanjymyz,
Mukaddes mirasly halkym Arkadagly Serdar bilen!

Asuda asmanda erkana parlaýar türkmen baýdagy,
Dost-dogana ýollar açyk,
ýaňlanýar dostluk aýdymy,
Maksatlarmyz myrat bolup,
gülleýär türkmen topragy,
Ýurt asuda, il bagtyýar, Arkadagly Serdar bilen!

Nöker SEÝITMYRADOW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasynyň Tehniki-konstruktor býurosynyň meýilnama-duýdyryş işlerini alyp baryjy inženeri.



SENAGAT KÄRHANALARYNDA



«LEBAP»
SEMENT ZAWODY ÖSÜŞLERE MYNASYP GOŞANT GOŞÝAR

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli ykdysadyýetimizi, onuň ähli ulgamlaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, senagata sanly ulgamy ornaşdyrmak babatda durmuşa geçirýän başlangyçlary ministrliginiň beýleki edara-kärhanalary bilen bir hatarda «Lebap» sement zawodynyň işçi hünärmenlerini hem üstünlikli işlere, täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Olar önümçiliginiň ähli ugurlary boýunça ýokary netijeleri gazanyp, şu şanly ýylymyzda uly ruhubelentlik bilen giňden bellenilen mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuny zähmet üstünliklerine beslediler.

Mälim bolşy ýaly, sement gurluşyk üçin iň zerur önümdir, ýagny sement önümi döwlet maksatnamalarymyz we Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda ýurdumyzda giň gerimde alnyp barylýan dürli maksatly gurluşyklaryň ýokary hilde we bellenen möhletlerde yerine ýetirilmeginde esasy gurluşyk serişdesidir. Şunuň bilen baglylykda sement önümçiligi pudagyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda gurlup ulanmaga berlen «Bäherden», «Balkan» we

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagyna Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi hem-de onuň garamagyndaky edara-kärhanalary öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Olaryň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň geçen sekiz aýyny guwandyryjy zähmet üstünliklerine beslemekleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şeýle kärhanalaryň hatarynda şu ministrliginň «Lebap» sement zawodyny hem görkezmek bolar.



«Lebap» sement zawodlarynda täze innowasion tehnologiýalaryň esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleri öndürilýär.

Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda 2013-nji ýylda işe girizilen «Lebap» sement zawody her ýylda 1 million tonna sement öndüren bolsa, 2025-nji ýylyň mart aýynda onuň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegi bilen, zawodyň kuwwatlylygy iki esse artdy. Häzirki wagtda bu sement zawodda innowasion tehnologiýalaryň esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän we dünýä derejesinde uly isleg bildirilýän dürli markaly portlandsement hem-de nebitgaz pudagy üçin zerur bolan tamponaž, şeýlede gidrotehniki desgalar gurlanda ulanylýan sulfata durnukly sement önümleri öndürilýär.

Zawodyň zähmetsöýer işgärleriniň tutanýerli zähmet çekmegi netijesinde kärhananyň bellenen aýlyk we ýyllyk meýilnamalary birsyhly ýerine ýetirilip gelinýär. Şu ýylyň dokuz aýynda «Lebap» sement zawody boýunça 1 504,417 tonna ýokary hilli sement taýýarlanyp, önümçilik meýilnamasy 109,8 göterim ýerine ýetirildi we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 133,4 göterim ösüş depgini gazanyldy hem-de sarp edijiler gurluşyk üçin möhüm bolan bu önüm bilen bökdençsiz üpjün edildi. Bu görkezijiler zawodda işleriň ýokary depginde alnyp barylýandygyny we önümçiligiň döwrebap derejede guralýandygyny görkezýär. Ýeri gelende daşary ýurtly işewürleriň hem Lebap sementini satyn almaga barha köp isleg bildirýändiklerini bellemek gerek.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ata Watanymyzyň uly rowaçlyklara beslenýän döwründe «Lebap» sement zawodynda dine bir yokary hilli sementiň dürli görnüşlerini öndürmek bilen çäklenilmän, eýsem, zawodyň alyp barýan işlerinin ulgamyny hem giňeldip, täze ugurlary gözlemek we täze önümçilikleri ýola goýmak boýunça zerur işler durmuşa geçirilýär. Ýagny, 2025-nji ýylyň oktýabr aýynda «Lebap» sement zawodynyň çäginde pudagyň ähli sement zawodlarynda öndürilýän dürli görnüşli sement

önümlerini gaplamak üçin niýetlenen ýyllyk kuwwatlylygy 1 million sany bolan 1 500 kilogram göwrümli big-begleri we ýyllyk kuwwatlylygy 30 million sany bolan 50 kilogram göwrümli polipropilen haltalary öndürýän gaplyk halta önümhanasy gurlup ulanyşa girizildi.

Bu önümçiligin çig maly öz ýurdumyzda öndürilyän polipropilen önümi bolup, bu haltalar berkligi, ulanmak üçin amatlylygy we ekologiki taýdan arassalagy bilen tapawutlanýar. Önümhanada Hytaý Halk Respublikasynyň «YANFENG GROUP CO. LTD» kompaniýasynyň häzirki zaman kämil enjamlary oturdyldy. Öndürilýän polipropilen haltalara sement, gury gurluşyk garyndylary, kaolin, keramzit, hek yaly gurluşyk materiallaryny, oba hojalyk önümlerini gaplamak we olarda daşamak bolýar. Bu önümhananyň kärhanada gurlup işe girizilmegi, zawodyň önümini sarp edijilere ibermek üçin sementi gaplamakda we daşamakda uly yardam berýär. Şeýle hem bu haltalar halk hojalygynda, gündelik durmuşda hem ginden ulanylyp bilner. Şeýle hem bu önümhanada 60-a golay işgär üçin iş orunlary we işgärlere yhlasly zähmet çekmek üçin ähli önümçilik we durmuş şertleri döredilen.



«Lebap» sement zawodynda gazanylýan uly zähmet üstünlikleri we durmuşa geçirilýän çäreler ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösmegine, mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyna mynasyp goşantdyr.

Gurbangeldi ORAZBERDIÝEW,
«Türkmenistanyň senagaty»
žurnalynyň jogapkär kätibi.





EMELI AŇ WE BULUT TEHNOLOGIÝALARYNYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Hormatly Prezidentimiziň halk hojalygyny ösdürmek ugrunda durmuşa geçirýän özgertmeleriniň netijesinde berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwaty barha berkeýär. Sanly ulgamy ösdürmek, döwlet edaralarynyň, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli ösmegi üçin amatly şertleri döretmek, öňdebaryjy önümçilik tehnologiýalaryny dolanyşyga we kanunçylyga ornaşdyrmak arkaly ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar.

Häzirki döwürde adamzat aňynyň ösmegi bilen, durmuşymyzy düýpgöter özgerdýän sanly ulgamyň, «akylly» tehnologiýalaryň dürli görnüşleri peýda bolýar. Emeli aň — bu adama mahsus bolan intellektual başarnyklary talap edýän wezipeleri çözüp bilýän algoritmleri işläp taýýarlaýan tehnologiýadyr. Bu günki gün ol senagat önümçiliginden başlap, ylmy gözleglerde, dil öwreniş ylmynda, sungatda, elektron söwdada, lukmançylyk barlaglarynda, robotlary uzak aralykdan dolandyrmakda, inženerçilikde we beýleki köp ugurlarda işjeň ulanylýar.

Häzirki wagtda tutuş dünýäde bolşy ýaly, Türkmenistanda-da ykdysadyýetiň pudaklaryna we durmuş ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak möhüm wezipe hökmünde kesgitlenildi. Dürli ugurlary öz içine alýan sanly tehologiýalardan emeli aň mümkinçilikleri hem durmuş hyzmatlary ulgamynda uly orny eýeleýär. Munuň özi hyzmatlaryň gysga wagtda we ýokary hil derejesinde ýerine ýetirilmegine oňyn täsir edýär. Neýrotorlar maglumatlary gysga wagtda seljermäge we ähmiýetli çözgütleri kabul etmäge ýardam berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwründe Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edilip, sanly ulgama geçmegiň berk binýady goýuldy we ykdysadyýetiň ähli

pudaklarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, döwlet hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlandyrylmagy, telekeçilik işiniň, şol sanda elektron söwdanyň, daşary ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegi üpjün edildi. Hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň oktýabryndaky Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» 2019 — 2025-nji ýyllarda üstünlikli amala aşyrylan degişli resminamanyň logiki dowamydyr. Şu ýylyň ýanwarynda bolsa täze Konsepsiýada göz öňünde tutulan wezipeleriň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek, sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak arkaly ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.

Täze maksatnamada dolandyryşyň netijeliligini, hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, emeli aň, blokçeýn, bulut tehnologiýalary, bulutlaýyn hasaplamalar, zatlaryň interneti ýaly innowasion sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak we ösdürmek göz öňünde tutulýar.

Sanly hyzmatlaryň ýola goýulmagynda we ösdürilmeginde döwlet düzümlerine möhüm orun degişlidir. Olar öz iş ugurlaryna laýyklykda raýatlar üçin dürli sanly hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen, sanlylaşdyrmak işiniň esasy çeşmesi bolup durýar. Bu köpugurly işiň kadalaşdyrylmagynda, maglumat alyşmagyň kämil ugurlaryny işläp taýýarlamakda elektron hökümet taslamasyny döretmek wajypdyr. Häzirki wagtda ol işjeň durmuşa ornaşdyrylýar. Bu taslamanyň çäklerinde, ministrlikleriň birnäçesi we olar tarapyndan ýerine ýetirilýän elektron hyzmatlar «X-Road» platformasy arkaly Pudagara elektron maglumat alyşmak ulgamyna (PEMU) birikdirildi.

Sanly taslamalaryň iň depginli ösýän görnüşleriniň hatarynda emeli aň tehnologiýalaryny aýratyn bellemek gerek. Bu ulgam ykdysadyýeti kadalaşdyrmak bilen, işleri awtomatlaşdyrýar. Köp sanly maglumatlary dessin seljermegiň netijesinde, kabul edilýän çözgütleriň tiz wagtda amal edilmegine ýardam edýär, önümçiligiň, işewürligiň netijeliligini artdyrýar. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, emeli aň – bu adama mahsus bolan intellektual başarnyklary talap edýän wezipeleri çözüp bilýän algoritmleri işläp taýýarlaýan tehnologiýadyr.

Ýurdumyzda emeli aň bilen gyradeňlikde, bulut tehnologiýalaryny ösdürmäge-de uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa, IT infrastrukturanyň çykdajylaryny azaltmakda peýdalydyr. Bulut tehnologiýalary wirtual serwerleri ulanmak bilen, işleri çeýe dolandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki zaman sanly ykdysadyýetiň aýrylmaz bölegi bolan bulut tehnologiýasy (hasaplamalary) maglumatlary işläp taýýarlamagyň, saklamagyň kämil tehnologiýasy bolup, onda ulanyjylara kompýuter resurslary we kuwwatlylyklary internet serwisleri hökmünde hödürlenilýär.

Bulut tehnologiýasy näme? Bulut tehnologiýasynda maglumatlary işläp taýýarlamagyň çäklerinde maglumatlar internetiň serwerlerinde ýatda saklanylýar hem-de wagtlaýyn olar şahsy kompýuterlere, noutbuklara, smartfonlara — akylly telefonlara, oýun pristawkalaryna örän çaltlyk bilen berilýär. Bulut tehnologiýasyndan peýdalananymyzda öz kompýuterimizde haýsy hem bolsa bir programma üpjünçiligini saklamak zerurlygy ýok hasaplanylýar, işlejek programmalarymyzy internete baglanymyzda hyzmat hökmünde alyp, kompýuterimize ýüklemän işläp bilýäris.

Umuman, sanly ulgamyň täzeçil usullary, synagdan geçen serişdeleri ösüşiň esasy şertleriniň biri hasaplanylýar. Olaryň oýlanyşykly we talaba laýyk ulanylmagy hem ýokary görkezijileriň gazanylmagyna badalga berýär.

Sanly ösüşiň maksady pudaklaryň netijeliligini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan, olary durnukly ösdürmekden, innowasion ösüş üçin şertleri döretmekden ybaratdyr. Ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giň gerimde peýdalanmak ugrunda alnyp barylýan işler bolsa milli ykdysadyýetimiziň ösüşini, oňa innowasiýalaryň ornaşdyrylmagyny çaltlandyryp, döwür bilen deň gadam urýan jemgyýeti kemala getirmäge goşant goşýar.

Döwran KURBANOW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Sanly ulgamy we elektron senagatyny ösdürmek müdirliginiň başlygy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly BERDIMUHAMEDOWYŇ «Gadamy batly bedew» atly kitabyndan:

— Taryhy ýadygärlikler türkmen bedewiniň keşbiniň örän gadymy döwürlerden bäri, heýkeltaraşlaryň, küýzegärleriň, senetkärleriň, suratkeşleriň, halyçylaryň ünsüni özüne çekendiginiň aýdyň subutnamasydyr.



GÖROGLY GARDAŞY, GAÝRATLY SERI

Ajaýyp ahalteke bedewlerimiz özüniň güýçlüligi, gaýratlylygy, ýyndamlygy, ynsan kimin syzgyrlygy, eýesiniň ýow güni ýoldaşy, toý güni syrdaşy bolan häsiýetleri bilen halkymyzyň durmuşyna hemişelik giripdir.

Halkyň özüniň ymtylýan gymmatlyklaryny duýup, olara goýýan sarpasyny haýsydyr bir ölçeg terezilerinde çekip bilmeginde halk döredijiliginiň aýratyn orny bar. Ata-babalaryň geçmişde ajaýyp bedewlerimize goýan sarpasy, olara beren bahasy hakynda maglumatlary gowy bilmekde «Oguznama», «Gorkut ata», «Görogly» ýaly eposlardyr dessanlaryň, ertekilerdir rowaýatlaryň, halk bagşylarynyň ýerine ýetirýän aýdymdyr sazlarynyň eýelän orny örän möhümdir. Aýratyn-da Göroglynyň öz wepaly dosty Gyrata berýän bahasy, daş-töweregini gurşap alan ýagdaýlar hakynda onuň bilen ynsan hökmünde görüp pikir alyşmasy, şatlygyny-gaýgysyny paýlaşmagy eseri okan her bir okyjyda uzak wagtlap unudylmajak täsirleri galdyrýar.

Şunuň bilen bir hatarda ahalteke bedewleriniň şöhratyny, taryhy we geljek mysally häsiýetnamasyny duýmakda sungatyň aýratyn bir hereket edýän görnüşi bar. Ol heýkeltaraşlyk, binagärlik sungatydyr. Arheologiki gazuw-agtaryş işleri netijesinde ýurdumyzyň çäklerinden tapylan bedew heýkeljikleri, şeýle hem ýarag-esbaplaryň, gap-gaçlaryň ýüzüne çekilen bedew şekilleri munuň şeýledigini aýdyň tassyklaýar.

Häzirki zaman binagärlik we heýkeltaraşlyk sungatynda bedew keşbiniň giň ähmiýete eýe bolmagy halkymyzyň milli mirasa goýýan belent sarpasynyň we mukaddes Garaşsyzlygymyzyň özüne beren bagtyna, öňe barýan ösüşlerine badyny goşmagynyň alamatydyr. Türkmen üçin ahalteke bedewi ýöne bir ulag däl-de, taryhy geçmişiniň, ruhy dünýäsiniň, milli buýsanjynyň we geljege bolan ymtylyşynyň janly beýanydyr. Hut şu nukdaýnazardan hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli binagärlikde bedew keşbi aýratyn orun eýeleýär.

Ýurdumyzyň Daşoguz şäherinde gurlup ulanylmaga berlen Görogly seýilgähiniň mekrezinde Görogly begiň öz meşhur bedewi Gyratyň üstünde şekillendirilen heýkeli bar. Gyrat misli ganat ýaýyp uçup barýar. Görogly bolsa uçup barýan bedewiniň üstünde keýmir oky sary ýaýa dolduryp atmaga taýýar bolup barýar. Bilşimiz

ýaly, monumentler, heýkeller, ýadygärlikler hereket etmeýärler, ýöne ussat heýkeltaraşlar tarapyndan döredilip, ezber gurluşykçylar tarapyndan inçelik bilen ýerine ýetirilende, olaryň mazmuny hereket edýär. Ol hereketiň başlanýan ýa-da gutarýan menzili hem, wagty hem ýok. Ol müdimi hereketde. Bu ýadygärligiň hereketiniň esasy manysy öz halkynyň erkinligi, abadanlygy ugrunda alnyp barlan gaýduwsyz göreşler, islendik pursatda ilkinji nobatda diplomatiýa orun berip, sazyň, sözüň, sungatyň güýjüne bil baglamagy, ynanyşmagy gazanmak.

Ýada salyp göreliň: «Görogly» eposynyň «Göroglynyň döreýşi» şahasynda suw atlarynyň, ganatly atlaryň bolýandygy hakynda ynançlar beýan edilýär. Şonuň ýaly-da türkmen halk ertekileriniň gahrymanlaryna köplenç halatda ýel atyň, ýyldyrym atyň kynçylyklardan baş alyp çykmaga ýardam edýändigi hakynda epizodlar häli-şindi duş gelýändir. Häzirki döwürde Görogly begiň, onuň gaýratly Gyratynyň ruhy edermen türkmen ýigitleriniň, Watan goragçylarynyň hemişelik hemrasydyr. Özüni Görogla gardaş duýan nesilleriň seri hemişe gaýratlydyr. Watan üçin islendik gulluga, islendik hyzmata hemişe gaýymdyr.


Ýurdumyzyň welaýatlarynda gurlan döwrebap Atçylyk sport toplumlarynda binagärlik babatda bedewiň şekillendirilişi ünsüňi çekýär. Bu binalaryň girelgelerinde we esasy meýdançalarynda bedewiň nusgawy keşbi ýerleşdirilendir. Olar ýöne bir edara binasy ýa-da sport desgasy bolman, ilatyň we myhmanlaryň aňynda bedewe bolan söýgini kämilleşdirýän medeni merkezlerdir.

Milli binagärlikde bedew keşbine üns berilmeginiň esasy üç manysy bar diýip aýtmak bolar. Olarda tizlik we öňe ösmek, milli biýsanç, geçmişiň, şu günüň we geljegiň özara ruhy baglanyşygy şöhlelendirilýär. Serkerde şahyr Seýitnazar Seýdi özüniň «Bedewiň» atly şygrynda:

Bedew münen, hassa bolsa, sag olar —

diýmek bilen, bedewli gezelenç etmegiň ynsana saglyk eçilýändigini aýdýar.

Mälim bolşy ýaly, dünýä lukmançylygynda käbir keselleri we sökellikleri bejermek maksatly «ipoterapiýa» diýip at alan atly gezelençler häzirki döwürde giňden ornaşyp barýar. Şu nukdaýnazardan çemeleşilende, bedewler öz dostlary bolan ynsanlaryň diňe bir ýow güni ýoldaşy, toý güni syrdaşy bolman, eýsem, jan saglygyny gorap saklamakda hem ýakyn ýardamçylarydyr. Şeýlelikde, milli binagärlikde bedewleriň şekiliniň giňden orun almagy binagärlik we medeni başlangyçlar bolmak bilen birlikde sahdynlyk, hereketlilik, öňe ymtylmak başlangyjydyr.




Her bir binanyň özboluşlylygy şäheriň binagärlik keşbini bezemek bilen bir hatarda halkyň ruhy dünýäsini bezemelidigi hem jedelsiz hakykatdyr. Şeýlelikde, ajaýyp zamanamyzda ahalteke bedewlerimiziň keşbi, ruhy diňe bir çeper sungat eserlerinde däl-de, eýsem milli binagärlik sungatymyzda: ýaşaýan we durmuş-medeni maksatly ulanýan binalarymyzda hem hemişelik ýaşaýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz: «Biz geljekde hem bedewlerimizi birjik-de ünsden düşürmeris, çünki olar biziň buýsanjymyz we şöhratymyzdyr, biziň ylhamymyzdyr» diýip belleýär. Bu parasatly jümleler ýurdumyzda ahalteke bedewlerini seýisläp ýetişdirmek, olaryň tohum arassalygyny gorap saklamak, baş sanyny köpeltmek ýaly işler bilen birlikde ajaýyp bedewlerimiziň ruhy dünýämizde tutýan ornuny hem has giňeltjekdigini aňladýar.

Biz milli binagärlik sungatymyzy ösdürmekde taýsyz tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlikleriň ýar bolmagyny arzuw edýäris.

Gara AHMEDOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.

BEDEW ATYŇ KEŞBI



(Hekaýa)

Çagalygyndan Seýranyň suratkeş bolmak arzuwy bardy. Onuň orta mekdepde geçilýän sapaklaryň arasynda iň gyzykýany Narly mugallymyň geçýän surat sapagydy. Onsoň mugallym çaganyň surat çekmäge bolan höwesini duýup, Seýranyň surat çekmäge bolan yhlasynyň miwe bermegi üçin tagalla ederdi. Narly mugallym okuw tamamlanyp, okuwçylaryň öýe gaýtjak mahaly oňa «Wagtyň bolsa, öýe geläý» diýerdi. Seýran öýde ene-atasynyň el işlerine kömekleşip bolanyndan soň, wagt tapsa, kagyz-galamlaryny alyp Narly mugallymlara barardy. Şonda ol her gezek Narly mugallymlara baranda onuň hemişe öz öýündäki ýörite surat ussahanasynda surat çekip oturandygyny görerdi. Ol Seýrany güler ýüz bilen garşylap, uly bolmadyk polotnosynyň başyna geçirip, «Hany, iň gowy görýän suratyňy çek, soň maslahatlaşarys» diýerdi.

Ynha, şu gezek hem Seýran öz mugallymynyň teklibi bilen ussahananyň bir çetinde duran polotnonyň öňüne geçip, bedew atyň suratyny çekmäge başlady. Aradan esli wagt geçip, Seýranyň işläp oturan ak kagyzynyň ýüzünde peýda bolan keşbe ol «Mugallymym çeken suratyma nähili baha bererkä?» diýip tolgundy. Narly mugallym gadam urup barýan atyň keşbini synlap, «Bu ýerini beýtseň, ol ýerini eýtseň, has gowy bolardy» diýip öz pikirini beýan edip, soň öz ýanyndan «Bu sapar saňa 4-lik baha goýýaryn» diýdi. Seýran geçen sapar «kanagatlanarly» baha alansoň, bu gezek alan 4-ligine begendi.

Bir sapar Narly mugallym onuň çeken «Ýeňiş» atly suratyna ýokary baha berdi. Onda Seýran ýyldyrym deý süýnüp barýan ak bedewiň beýleki atlardan öňe saýlanyp, ýaryşda ýeňiş gazananyny suratlandyrypdy.

Wagt geçdi. Seýran orta mekdebi tamamlady we onda suratkeşlik ugrundan ýörite bilim almak höwesi döredi. Nesibesi çekip, paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýän sungat mekdebine okuwa girdi. Ol ýerde Seýran özi ýaly deň-duşlary bilen ussat suratkeşleriň

gaşynda bilim alyp, sungat äleminiň täze dünýäsine gadam goýdy. Şol günleriň birinde oňa tanymal suratkeş Muhammet aga bilen tanyşmak miýesser etdi.

Muhammet aga juda janypkeş adamdy. Onuň ussahanasy aýratyn bir sergi jaýyny ýadyňa salýardy. Onuň esasy ugry portret çekmek bolsa-da, ol türkmen bedewleriniň, milli şaý-seplerimiziň, gara gazma dutaryň suratyny ussatlyk bilen çekerdi. Şonuň üçin ussat halypa Seýranyň sungatda ahalteke bedewlerini baş tema edip alanyny duýup, oňa bu ugurdan köp zatlary öwretdi.

Ine, bir günem Muhammet aga Seýrana «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly atmyradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilen belent ösüşli ýylymyzy hem-de mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygyny dabaralandyrmak, milli buýsanjymyz bolan behişdi bedewlerimizi wasp etmek maksady bilen, ýurdumyzyň Suratkeşler birleşigi bedewler hakynda çekilen suratlaryň bäsleşigini yglan etdi. Sen ahalteke bedewlerini wasp edýän ajaýyp suratlary çekýärsiň. Eger isleseň, olary bäsleşige hödürle!» diýip teklip berdi.

Bu habara Seýranyň göwni galkyndy. Öz ýanyndan bäsleşigiň emin agzalary, halypa suratkeşler «Çeken suratlarym hakynda näme diýerkäler, olar suratlaryma nähili baha bererkäler!?» diýip oýlandy. Onda-da ol öz zehindir yhlasymy synap göreýin diýip, reňkli hem reňksiz suratlarynyň üç sanysyny bäsleşige hödürlemegi ýüregine düwdi.

Bäsleşigiň geçirilýän Sergi jaýynda beýleki suratkeşleriň çeken suratlarynyň arasynda Seýranyň çeken suratlary hem asylgy durdy. Ol çeken suratlaryny «Çapuw güni», «Ýürekdeşlik», «Ýeňiş» diýip atlandyrypdy. «Çapuw güni» atly suratynda güýjüni jemlän, altyn-zerler çaýylan şaý-esbaply dal bedewiň ýeňşe bolan ynam bilen uzaklara nazaryny dikip durşy suratlandyrylýardy. «Ýürekdeşlik» atly suratda ene baýtalyň täze dogan taýjagaza mańlaýyny diräp, oňa bolan mähirli garaýşy we keşbi janlanýardy. «Ýeňişde» bolsa birnäçe atlary yzda galdyryp, gujur-gaýraty bilen uçar ganatyny ýaýyp, pellehana ýeten bedewiň öňe okdurylyp barşy görünýärdi.

Ynha-da, eminler toparynyň we halypalaryň sungat eserlerine baha bermek pursaty başlandy. Olar her suratkeşiň eseriniň ýanynda durup, her sungat eseri barada öz pikirlerini aýdýardylar. Ahyry suratkeşleri garaşdyran pursat hem gelip ýetdi. Emin agzalary, halypalar çekilen suratlaryň jemini yglan edip ugrady.

Seýranyň ýüregi tolgunyp gürs-gürs urýardy. Ahyry halypalaryň biri – Annaguly aga Seýran Amanowyň çeken suratlaryna ünsi çekip, şeýle diýdi: «Ýaş suratkeş gowy tema ýüzlenipdir. Bedew at – sungatyň hemişelik temasy. Hödürlenen işleriň arasynda onuň «Ýeňiş» atly eseri aýratyn tapawutly. Şonuň üçin ol işi iň oňat işleriň hatarynda bellemek bolar».

Seýran muňa diýseň begendi. Sebäbi ýüzlerçe işleriň arasynda işiňe gowy baha berilmegi buýsançlydy. Bäsleşigiň jemi boýunça oňa 2-nji ornuň berlendigi yglan edildi we Hormat haty gowşuryldy. Bu oňa sungatda has yhlasly işlemäge höwes döretdi, geljekde ilhalar we täsirli suratlary çekmäge ruhlandyrdy.

Berkarar döwletiň täze taryhy eýýamynda türkmen bedewleri ýyndamlygy bilen dünýäni özüne maýyl etdi. Gahryman Arkadagymyz dünýä okyjylaryna ahalteke atlary hakynda ajaýyp eserleri peşgeş berdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz olaryň ýeňişli menzillere tarap has hyjuwly gadam urmagy, türkmeniň uçar ganatynyň at-abraýynyň Arşa galmagy üçin has giň şertleri döretdi.

Ine, bu gün hem Seýran ussahanasynda işläp otyr. Ol: «Birmahal – mekdep döwrümde döreden «Ýeňiş» atly işimde bir atyň köp sanly bedewleri yzda galdyryp pellehana ýetenini suratlandyrypdym. Suratkeşler birleşigine hödürlän işimde-de ak atyň ýeňşini suratlandyrypdym. Ine bu gün hem bedewler meniň esasy temam» diýip, buýsanç bilen oýlandy.

Şu pursatlarda suratkeşiň uly polotnosyna berkidilen ak kagyzyň ýüzünde aýlawlarda ýeňiş gazanan, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bagtyýar we abadan ilinde çarpaýa galyp, ýeňişli ýollary buşlap duran ak atyň keşbi döräp barýardy...

Atamyrat ÖWEZOW,
Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap
Ýaşaýyş jaý-ulanyş trestiniň hünärmeni.

MAZMUNY СОДЕРЖАНИЕ CONTENTS

1 **Serdar BERDIMUHAMEDOW** — Türkmeniň buýsanjy

2 **B. GYLYÇDURDYÝEW** — Garaşsyzlyk — nurly günlere ýalkym salýan bagtyýarlyk...

6 **R. RAHMANOW** — Halk maslahaty: taryhy menziller we belent maksatlar

8 **G. NAZAROW** — Ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi

11 **G. PIRNEPESOW** — Ylym-bilim we milli terbiýe — geljegimize şamçyrag

13 **M. DURDYÝEWA** — Ylym-bilimiň binýady berkden tutulyp, dabarasy daglar aşýar

16 **H. DÖWLETOW** — Gurluşyk senagatynyň döwrebap hünärmenleri

19 **Alkyş Size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

22 **T. ANNAMUHAMMEDOW** — Baş alada — eşretli durmuş, bagtyýar geljek

24 **B. BÄŞIMOW** — Garaşsyzlyk bilen galkynýan pudak

27 **A. MIRZAÝEW** — Döwürleriň we göwünleriň buýsanjy

30 **P. АМАНКУЛЫЕВ** – Беломраморный Ашхабад: гармония архитектуры, инноваций и высокого качества жизни

32 **S. ESENMYRADOWA** — Döwrüň beýik gudratyna öwrülen, bagtyýar döwrüň şäheri

35 **D. MUHAMMEDOW** — Ynsanperwer syýasatyň halkara ykrarnamasy

36 **А. АЛТЫЕВ** — Новый триумф миролюбивой дипломатии Туркменистана

38 **A. TOÝLYÝEW** — Täze döwrebap önümçilik ýola goýuldy

40 **K. KAKALYÝEW** — Hazar — dostlugyň, abadançylygyň we hyzmatdaşlygyň deňzi

42 **A. BAGŞYÝEW** — «Bilimli» noutbuklar — körpelere ajaýyp sowgat

44 **A. JUMADOW** — Garaşsyzlyk mukamy. Arkadag — Hossar

45 **A. ATAKAÝEWA** — Watana
K. BALGULYÝEW — Bedewim

46 **A. ORAZOW** — Arkadagly Serdarymyz sag bolsun!

47 **N. SEÝITMYRADOW** — Arkadagly Serdar bilen

48 **G. ORAZBERDIÝEW** — «Lebap» sement zawody ösüşlere mynasyp goşant goşýar

51 **D. KURBANOW** — Emeli aň we bulut tehnologiýalarynyň mümkinçilikleri

53 **G. AHMEDOW** — Görogly gardaşy, gaýratly seri

55 **A. ÖWEZOW** — Bedew atyň keşbi



«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №3, 2026-njy ýyl.

Baş redaktor: T. Nurow.

Jogapkär kätip: G. Orazberdiýew.

Redaksion geňeşiň agzalary:
R. Esedulaýew, O. Geldiýew,
B. Bäşimow, A. Jumadow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 3 575. Sargyt №2843. Bahasy 25 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 7.
«Türkmenistanyň senagaty» žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Žurnal Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A –119765.

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №3, 2026 год.

Главный редактор: Т. Нуров.

Ответственный секретарь: Г. Оразбердыев.

Редакционная коллегия:
Р. Эседулаев, О. Гельдыев, Б. Бяшимов,
А. Джуматов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 3 575. Заказ №2843 Цена 25 манат.
Формат 60x90 1/8. 7 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Журнал отпечатан в Центре печати.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

«INDUSTRY OF TURKMENISTAN» magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.



Gadyrly okyjylar, eziz watandaşlar!

Sizi Garaşsyzlygymyzyň şanly

35 ýyllyk toýy bilen gutlaýarys!



